**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

**Dosent M. Tyllaýew**

# Gümrük hukugy dersinden okuw gollanamasy

**Ylmy redaktor: dosent A.Jumaýew**

**Aşagabt 2010ý.**

**M. Tyllaýew**

# Gümrük hukugy dersinden okuw gollanamasy

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Ylmy redaktor hukuk ylymlarynyň kandidaty, dosent A. Jumaýew**

**Aşgabat 2010 ý.**

# Giriş

Galkynyş zamanasynyň beýik özgertmeleri türkmen halkynyň bagtyýar ýaşaýşynyň gözbaşydyr. Hormatly Prezidentimiziň reformatorçylyk syýasaty döwletimiziň syýasy, ykdysady, medeni , sosial taýdan ösdürmekliginiň esasydyr.

Halkara bileleşigi hem hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen amala aşyrylýan reformalaryny doly makullaýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda amala aşyrylýan uly möçberli sosial-ykdysady reformalar döwletimiziň mundan beýläk hem ösmegine, ähli raýatlaryň asuda, eşretli durmuşda ýaşamagyna we zähmet çekmegine ýardam berer.

Täze Galkynyş eýýamyndaky uly-uly başlangyçlar, beýik-beýik sepgitler her bir türkmenistanly raýatda buýsanç duýgusyny oýaryp, ýurdumyzyň gülläp ösmegine öz goşandyny goşmagyna höwes döredýär.

Täze Galkynyş eýýamynda Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda döwletimiziň halkara gatnaşyklary hem giň gerim alýar. Halkara gatnaşyklary islendik döwletde, jemgyýetde esasy orny eýeleýär. Halkara gatnaşyklary jemgyýetçilik durmuşynyň dürli ugurlaryny öz içine alýar.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidentiniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatlarynyň baş maksady hem Türkmenistanyň özygtyýarlylygyny saklamakdan we pugtalandyrmakdan, dostlukly özara gatnaşyklary ösdürmekden, ilatyň sosial ýagdaýyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwleti halkara hukugynyň doly hukukly agzasy bolmak bilen, BMG-niň Tertipnamasyndan gelip çykýan we umumy ykrar edilen halkara kadalaryny we ýörelgelerini pugta ýerine ýetirýär.

Döwletimiziň halkara gatnaşyklarynyň giň gerim almagy ýurt Baştutanymyzyň alyp barýan daşary syýasatynda gazanylýan üstünlikleriniň girewidir.

Şu ýokarda aýdylanlardan ugur alsak, onda gümrük gatnaşyklary hem halkara gatnaşyklary bilen aýrylmaz baglydyr. Şoňa görä-de gümrük hukugy öwrenilen mahalynda diňe bir içeri gümrük gatnaşyklary öwrenilmän, gümrük gatnaşyklarynyň daşary syýasat bilen baglanyşygy hem öwrenilýär. Sebäbi, gümrük gatnaşyklary serhet häsiýetli bolup, döwletiň gümrük serhedini gorap, ýurduň ykdysady garaşsyzlygyny berkitmek üçin gönükdirilen işdir. Belli bir derejede gümrük edaralarynyň işlei ýeke

bir gümrük kontrollygyny amala aşyrmak bilen çäklenmän, gümrük syýasatyny hem amala aşyrýar.

Şu okuw gollanmasynda gümrük işleriniň hemme meselelerini açyp görkezmek mümkinçiligi bolmansoň, awtor bu kitaby okyjylara gollanma hökmünde hödürläp, gümrük meseleleriniň umumy soraglary barada durup geçýär. Mysal üçin, gümrük hukugynyň predmeti, onuň ýörelgeleri we çeşmeleri, gümrük işiniň guralyşy, gümrük kontrollygy, gümrük işiniň resmileşdirilişi, gümrük pajy we ýygymlary, gümrük düzgün bozulmalaryna garamaklygyň tertibi, olara bellenýän dolandyryş we jenaýat jogapkärçilikleri we başga-da beýleki soraglara garalyp geçilýär.

Şu okuw gollanmasy hukuk bilen bagly bolan okuw mekdeplerine gollanma hökmünde hyzmat eder diýip awtor umyt edýär.

# Türkmenistanyň gümrük hukugynyň umumy düşünjesi

## § 1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurnabguly Berdimuhamedowyň daşary syýasat taglymaty

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalarynyň, onuň dostluk we hoşniýetlilik barada alyp barýan daşary syýasatynyň netijesinde Türkmenistan milletleriň bileleşiginde mynasyp orun eýeledi, dünýäde ägirt uly abraý gazanyp, halkara arenasynda döwletimiziň abraýy artyp başlady, ählumumy abadançylygyň hatyrasyna ylalaşdyryjylygyň we arkalaşyklylygyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen merkezine öwrüldi. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary saklaýar, halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzasy bolup durýar we olaryň köptaraply işine yhlasly gatnaşýar, olar bilen birlikde saglygy goraýyş, daşky gurşaw, senagaty, oba hojalygyny, bilimi, medeniýeti we beýleki ugurlary ösdürmek babatda 100-e golaý maksatnamany amala aşyrýar.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji we 64-nji sessiýalarynda Türkmenistanyň ýolbaşçy düzüminiň wise-başlyklygyna saýlanylmagy

Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň täze ösüş zamanasyndaky okgunly we konstruktiw syýasatynyň giň halkara ykrar edilmeginiň jedelsiz subutnamasy boldy. Bu şanly wakalar ýurdumyzda uly ruhubelentlik bilen garşylandy, giň jemgyýetçilik seslenmesini döretdi. Ýeri gelende ýatlasak, türkmen döwleti şeýle ýokary hormata birnäçe gezek mynasyp boldy. Ilkinji gezek bu 1998-nji ýylda bolupdy, şonda döwletimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 53-nji sessiýasynyň başlygynyň orunbasarlygyna, soňra bolsa 2003-nji ýylda 58-nji sessiýanyň ýolbaşçy düzümine saýlanylypdy.

Türkmen lideriniň 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 24-27-si aralygynda Nýu-Ýork şäherine sapary halkara möçberindäki möhüm waka boldy. Nýu-Ýorkda bolmak bilen, Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynyň işine gatnaşdy, şeýle hem ýedi döwletleriň prezidentleri, BMG-niň we beýleki halkara guramalaryň sekiz sany ýokary wezipeli wekilleri, uly kompaniýalaryň, esasanam, amerikan kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen 20-den hem köp duşuşyklary we gepleşikleri geçirdi. Ol olar bilen geçiren söhbetdeşliklerinde özüne mahsus bolan aç-açanlyk we ygrarlylyk bilen döwletimiziň syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ileri

tutulýan ugurlaryny aýdyň beýan etdi, jemgyýetiň durmuşyny düýpgöter özgertmek boýunça ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleriň düýp mazmunyny, häzirki zamanyň dünýä we sebit meseleleriniň çözülmegine çemeleşmelerini düşündirdi.

2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 26-yna Türkmenistanyň Prezidenti BMG-niň Baş Assambleýasynyň belent münberinden söz sözledi. Mejlise gatnaşýanlar onuň many-mazmunly, çuňňur oýlanyşkly we parahatçylyga, bütin adamzat üçin gowulyga we bagta ýalkym saçýan çykyşyny el çarpyşmalar bilen garşyladylar. Türkmenistanyň şol sessiýasynyň wise-başlyklygyna saýlanylmagy mynasybetli (bu hukuk döwlet baştutanyna ýörite bellenilen wagtda forumyň işini alyp barmaga ygtyýar berýär), Gurbanguly Berdimuhamedow 45 minutlap sessiýada başlyklyk edijiniň ornuny eýeledi we onuň işine üstünlik bilen ýolbaşçylyk etdi. Dünýä jemgyýetçiliginiň öňündäki bu ýokary jogapkärçilikli minutlar Türkmenistanyň we onuň baştutanynyň ägirt uly abraý-mertebesiniň bardygyny aýdyň görkezdi.

„Türkmenistan häzirki wagtda dünýä üçin açykdyr, ähli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy giňden ýaýbaňlandyrmak üçin açykdyr. Biziň ýurdumyz milletler bilileşigi bilen bilelikde halkara

hukugynyň ýörelgeleriniň, ynsansperwerligiň, adalatlylygyň, oňşuklylygyň, birek-birege sarpa goýmagyň asylly maksatlarynyň döwletleriň arasyndaky häzirki zaman halkara gatnaşyklaryny kesgitleýji şertler hökmünde berkarar bolmagynyň hatyrasyna mundan beýläk-de işlemäge taýýardyr“ diýip, Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşynda aýtdy.

2009-njy ýylyň sentýabrynda Hormatly Prezidentimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji sessiýasyna wise-başlyklyk etdi. Munuň özi Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parahat söýüjilikli, ynsanperwer, döredijilikli we progressiw içeri we daşary syýasatlarynyň halkara bileleşigi tarapyndan giň goldawa eýe bolýandygyny subut edýär.

BMG-niň beýik münberinden Hormatly Prezidentimiz BMG-niň we döwletimiziň arasyndaky hyzmatdaşlyk, ýurdumyzyň geljekde hem BMG-niň Ustawyndan gelip çykýan ýörelgelere, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna pugta eýerjekdigi barada aýtdy.

## § 2 . Gümrük hukugynyň düşünjesi, gümrük hukugynyň we gatnaşyklarynyň subýektleri

Türkmenistan özbaşdaklygy gazanan gününden beýläk iň bir wajyp meseleleriň biri hem gümrük meseleleri bolup durýar. Onuň wajyplygy häzirki zamanda Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyň uly ähmiýete eýe bolandygyny aňladýar.

Ähli döwletleriň halkara gatnaşyklarynyň esasynyň biri hem gümrük gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagydyr. Beýle diýildigi gümrük meseleleri dürli çygyrlarda näçe peýdaly çözülse, hem halkara, hem milli derejede onda halkara gatnaşyklarynyň (arkalaşyklarynyň) ösýändigini görkezýän zat bolup hyzmat edýär.

Şoňa göräde gümrük edaralarynyň işleri birnäçe halkara we döwletiň içindäki namalaryň üsti bilen kadalaşdyrylýar. Bu zatlaryň hemmesi gümrük meselesiniň häzirki zaman şertlerinde ähmiýetiniň ulydygyny görkezýär.

Türkmenistan döwletiniň daşary söwda we daşary ykdysady gatnaşyklary gümrük edaralarynyň ähli işleriniň esasy, kesgitleýji häsiýetnamasy bolup durýar.

Şoňa göräde gümrük edaralary özleriniň esasy wezipesi hökmünde öz üstlerine ýüklenen işleri Türkmenistanyň ähli guramalarynyň, raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň we guramalarynyň döwlet tarapyndan bellenen düzgün tertibiň berjaý edilmegine kontrollygy amala aşyrýarlar. Bu çäre haçanda Türkmenistanyň serhedinden ýükleriň, ulag serişdeleriniň, walýutalaryň we walýuta gymmatlyklarynyň, el goşlarynyň, bagažlaryň hem-de döwlet serhedinden gadagan edilen zatlaryň geçirilmezligi üçin gönükdirilendir.

Bir wagtda gümrük düzgüniniň bozulmagyna garşy hem-de kontrabanda garşy göreş alyp barýar. Şeýlelikde gümrük edaralary Türkmenistanyň garaşsyz hukugyny we bähbidini goramakda esasy gural hökmünde gulluk edýärler.

Beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen bir hatarda gümrük gatnaşyklary tötänden ýüze çykmaýarlar. Olar döwletiň durmuş ykdysady mazmunyna bagly bolup, hukuk taýdan kadalaşdyrylmagyny talap edýärler. Sebäbi şu gatnaşyklar dolandyryşda ýüze çykýarlar, şoňa göräde olar dolandyryş hukuk kadalary bilen hem kadalaşdyrylýarlar. Görkezilen (agzalan) hukuk gatnaşyklary özleriniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar, ol hem gümrük edaralary

özleriniň häsiýeti boýunça serhet edaralary hökmünde çykyş edýärler. Olaryň işleri döwletiň daşary işleri bilen hem-de daşary ykdysady işleri bilen golaý bolýanlygydyr. Şeýlelikde dolandyryş häsiýetli gatnaşyklar Türkmenistanyň ykdysady serhedini goramak bilen baglanyşyklydyr. Bu ýagdaýlar özbaşdak gümrük gatnaşyklarynyň emele gelýändigini tassyklamaklyga bize doly esas bolup bilýändir. Gümrük gatnaşyklarynyň serhet häsiýetliligi we ol gatnaşyklar ýeke bir serhet ýakalarynda ýüze çykman, Türkmenistanyň ähli ýerindäki gümrük gatnaşyklaryna mahsusdyr.

Gümrük edaralarynyň işlerinde emläk bilen bagly bolan gatnaşyklar hem ýüze çykýandyr we olara gatnaşýan taraplar özbaşdak bolup deň hukukdan peýdalanýarlar. Käbir halatlarda raýat-hukuk gatnaşyklary gümrük edaralarynyň gös-göni görkezmesi esasynda ýüze çykýan hem bolsa raýat-hukuk terminologiýasy ullanylýanam bolsa olar dolandyryş gatnaşyklaryň üsti bilen amala aşyrylýar.

Ýenede bir zady göz öňünde tutmak hökmandyr, ýagny gümrük edaralarynyň öz işlerini ýerine ýetirmekde esasy kesgitleýji tarap bolýan hem bolsa başgada taraplar ol gatnaşyklara gatnaşýarlar. Olar hem gümrük hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylýan gatnaşyklarda belli

hukuklardan peýdalanýarlar we borçlary öz üstlerine alýarlar. Şeýlelikde gümrük hukuk kadalary ýeke bir gümrük edaralarynyň işini kadalaşdyrman beýleki taraplaryň hem hukuk ýagdaýlaryny kadalaşdyrýarlar.

Gümrük edaralary hem döwlet edaralary bolup özleriniň işlerinde hukuk kadalaryny ullanýarlar. Şeýlelikde, birinjidenä giň manyda hukugy ullanmak – şol döwletiň hukuk ulgamy hökmünde peýdalanýanlygydyr; ikinjidenem – gümrük edaralary öz işlerinde dürli-dürli hukuk kadalaryny ullanýarlar, olar bolsa aýry-aýry hukuk pudaklaryň kadalarydyr. Mysal üçin, konstitusion, dolandyryş, maliýe we beýleki hukuk kadalary. Üçinjidenem – belli topar hukuk kadalary gös-göni gümrük edaralarynyň işini kadalaşdyrýan kadalar bolup gümrük hukugynyň çeşmesi hökmünde hyzmat edýärler. Ol topar kadalar bolsa gümrük hukugynyň gatnaşyklaryny kadalaşdyrýarlar.

Şeýlelikde gümrük hukugyna umumy kesgitlemäni şeýle bermek bolýar. Gümrük hukugy – hukuk kadalarynyň toplumy bolup, gümrük edaralarynyň işini kadalaşdyrmak üçin niýetlenip döwletiň ykdysady serhedini goramak bilen bilelikde gümrük çäreleriniň üsti bilen döwletiň daşary ykdysady we gümrük syýasatyny amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Ýokarda görkezilen kesgitlemeden belli bolyşy ýaly, gümrük hukugynyň ähli ýagdaýda hökmany subýekti bolup gümrük gatnaşyklaryna girýän tarap gümrük edaralary bolup durýarlar.

Şonuň bilen birlikde ilki bilen biz gümrük edaralary hakynda hem-de olaryň döwlet edaralarynyň ulgamynyň içinde tebigatyny we tutýan ornuny kesgitlemelidiris.

Gümrük edaralarynyň işleri ilkinji nobatda döwletiň daşary ykdysay we söwda syýasaty bilen aýrylmaz baglydyr. Şoňa göräde döwletiň esasy işiniň biri hem gümrük edaralarynyň ulgamyny döretmekden ybarat bolup gümrük ýygymlaryny, pajlaryny almak, döwlet serhedinden geçirilýän harytlaryň atlaryny we hasaplaryny anyklamak; hem-de serthetden geçirmekligi gadagan edilen predmetleri kesgitlemekden ybaratdyr. Bularyň hemmesi döwletiň ykdysady durmuşyna hem-de onuň ykdysady maksatnamasyny ýerine ýetirmekden ybarat bolup hem içerki, hem daşarky işlerine degişlidir.

Döwletiň islendik işini amala aşzrmakda döwlet edarasznzň belli ulgamznz döretmek hökmandyr. Umuman döwlet edaralarynyň ulgamynda, döwlet häkimiýet we döwlet dolandyryş edaralaryny uly ähmiýete eýedirler. Şeýlelikde ähli halatlarda döwletiň işini ýerine

ýetirýän edaralar döwletiň adyndan çykyş edip döwlet hukuk häkimiýete eýedirler.

Agzalan döwlet edaralarynyň ulgamyna gümrük edaralary hem girýärler. Olar döwlet dolandyryş edaralaryna degişlidirler, olaryň işleri ýerine ýetiriş we serenjam beriş häsiýetlidirler.

Agzalanlary belläp gümrük edaralary hem döwlet edaralary bolup ýerine ýetiriş we serenjam beriş işlerini amala aşyryp döwlet dolandyryşynyň ýörite çygrynda ýüze çykyp, döwlet serhetlerinden dürli ýükleriniň, bagažlaryaň poçta işleriniň ugradylyşyny walýuta we walýuta gymmatlyklaryny, ulag serişdelerini, ýolagçylary we ýükleri, geçirýän gullukçylaryň işlerini amala aşyrýandyr. Gümrük edaralarynyň esasy wezipesi milli ykdysadyýeti goramakdan ybaratdyr, şonuň üçin hem, gümrük edaralary ýurduň öz içinde döwletiň ykdysady syýasatyny durmuşa geçirmekde uly ýardam edip, bir wagtda dürli çäreleriň üsti bilen ýurdyň ykdysady we milli ýagdaýyna daşyndan howp abanmagyndan gorap, döwletiň adyndan hakyky kontrollygy amala aşyrýar. Bu işler bolsa döwletiň daşarky işlerine degişlidirler.

Gümrük hukugynyň esasy subýekti bolan gümrük edaralaryna berilýän häsiýetnama ýokarda agzalanlardan ybaratdyr. Gümrük hukugynyň beýleki subýektleri barada gürrüň edilende bolsa

onda olaryň sany giňdir. Olar bolsa öz gezeginde beýleki fiziki hem hukuk şahslardan ybaratdyr.

Gümrük hukugynyň fiziki şahslary – olar ilkinji nobatda serhetden geçýän ýolagçylar, ýagny döwletiň öz raýatlary we daşary ýurt raýatlary, raýatlygy ýok adamlar.

Gümrük hukugynyň subýektiniň düzümine (içine) ýolagçylardan başga ulag we aragatnaşyk (poçta) gullukçylary, we başgada birnäçe kategoriýaly serhetden geçýän fiziki taraplar.

Gümrük hukugynyň subýekti bolup öz ýurdynyň we daşary ýurt hukuk taraplary hem girýärler. Olar poçta we ulag administrasiýalary – dolandyryjylary.

Gümrük hukugynyň subýekti bolup gümrük gullugynyň ýeňiliginden gelen ýurdynda peýdalanýar diplomatik, söwda, konsultstwalaryň wekilleri hem-de beýleki daşary ýurt resmi adamlary.

Belli-belli gatnaşyklar boýunça gümrük hukugynyň subýekti bolup daşary ýurt firmalary we olaryň rugsat edilen adamlary, sergi komissarlary hem bolup bilýärler.

Görüşimiz ýaly, gümrük hukugynyň köp sanly subýekti bolup häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynyň ösmegi netijesinde syýahatçylyk

we beýleki işewur gelmek-gitmekligiň könelmegi gümrük çygrynyň giňelýändiginiň şaýadydyr.

Ýöne gümrük gatnaşyklarynyň köpelmegi ýekebir ol gatnaşyklaryň subýektleriniň köpelmegi bilen çäklenmän, bir wagtda gümrük meseleleriniň hem köpelmegine bagly bolup, olar hukuk taýdan kadalaşdyrylmagyny talap edýär, ol bolsa öz gezeginde gümrük hukuk gatnaşyklarynyň obýekti diýen düşünje bilen bagly bolýar.

Mälim bolyşy ýaly hukuk gatnaşyklarynyň obýekti diýen düşünje hukugyň obýekti diýen düşünjä golaý bolýar. Şeýlelikde gümrük hukuk gatnaşyklarynyň obýekti we gümrük hukugynyň obýekti – şol hukugyň subýektleriniň arasynda, näme üçin, näme sebäpli hukuk gatnaşyklarynyň öz arasynda ýüze çykýandygyny aňladýar (kesgitleýär).

## § 3 . Milli hukuk pudaklarynyň ulgamynyň arasynda gümrük hukugynyň tutýan orny

Gümrük hukugynyň mazmuny döwletiň hukuk ulgamy bilen umumylykda (bilelikde) halkyň islegini kanagatlandyrmak üçin niýetlenen bolup döwletiň şu pudakda işini amala aşyrmak üçin gönükdirilendir.

Belli bolşy ýaly döwletiň, islendik hukuk ulgamy şeýle bir kadalary öz içine alyp, olar gümrük gatnaşyklaryna we syýasatyna degişlidirler. Döwletiň umumy hukuk ulgamynyň içinde gümrük hukuk kadalary nähili orun tutýarlar. Ol kadalar özbaşdak hukuk pudagyny emele getirýärmi ýa-da ýokmy, ýa-da bolmasa haýsyda bolsa bir hukuk pudagynyň instituty hökmünde, ýa-da doly bolmadyk hukuk pudagy hökmünde çykyş edýärmi.

Bu sorag hukuk edebiýatlarda taglymat taýdan doly işlenmedik (öwrenilmedik), şoňa göräde bu sorag gümrük gatnaşyklaryny öwrenmekde iň bir wajyp meseläniň biri bolup durýar.

Gümrük kontrollygyna degişli bolan hukuk kadalary dolandyryş hukuk pudagyna degişlidir. Beýle netijä gelmäge hemme esas bar, sebäbi döwlet gümrükhanalary döwlet dolandyryş edara degişli bolup öz işlerini dolandyryş çygrynda durmuşa geçirýärler. Şoňa göräde dolandyryş hukugyny öwredýän okuw kitaplarynda, ylmy edebiýatlarynda döwletiň gümrük çygryna degişli meseleleri döwlet dolandyryşynyň bir şahasy diýilip atlandyrylýar.

Ýöne beýle diýildigi hemme halatlarda gümrük işlerini dolandyryşa degişli diýilip aýdylmagy doly makullanmaýar. Şonuň üçin hem

gümrük işlerini has kämilleşdirmek üçin hil hem san taýdan kämilleşdirmäni talap edýär.

Gümrük hukuk kadalarynyň dolandyryş hukuk kadalaryna degişliligini esaslandyrmak bilen nir hatarda, biz düşünýäris, häzirki wagtda gümrük hukugyny dolandyryş hukugynyň çägindäki bir bölegi diýip aýdyp bilýäris.

Ýöne ýene bir zady ýatdan çykarmaly däldir. Ol hem gümrük hukuk kadalarynyň (materiallaryň) köpelmegi netijesinde özbaşdak gümrük hukugynyň emele gelmegi. Şonuň üçin hem bir zady belmek zerurdyr, ýagny köne düýpli hukuk pudaklaryndan aýrylyp özbaşdak hukuk pudaklarynyň emele gelenligi tejribede seýrek däldir. Mysal üçin, konstitusion, dolandyryş hukuklaryndan bölünip zähmet, maliýe, agrar we başgada hukuk pudaklary emele geldiler.

Ýokarda aýdylan esaslardan ugur alyp gümrük hukugyna degişli şu aşakdakylary bellemek bolar:

**1.** Gümrük hukugy dolandyryş hukugynyň öň bir bölegi hökmünde täze gümrük hukugy emele geldi;

**2.** Türkmenistanyň gümrük hukugy boýunça ýörite kodeksi hereket edýändir;

**3.** Türkmenistan döwletiniň gümrük syýasaty daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek üçin gönükdirilen; daşary söwda gatnaşyklarynyň

köpelmegine – giňelmegine, halkara syýahatçylygyny ösdürmäge ýardam berýär we başgada birnäçe adamlaryň internasional aragatnaşyklaryny giňeltmek üçin gönükdirilendir.

Şu aýdylan zatlaryň hemmesi gelejekde gümrük hukuk gatnaşyklarynyň köpelmegine we olary kadalaşdyrmak meselesiniň wajypdygyny aňladýar.

## § 4 . Gümrük gatnaşyklarynyň halkara hukugynda kadalaşdyrylyşy

Bize mälim bolşy ýaly gümrük hukugy ýörite çygry kadalaşdyrýan hukuk pudagy bolup beýleki hukuk pudaklaryndan düýpgöter özüniň obýekti hem subýekti boýunça tapawutlanýandyr. Gümrük hukugynyň obýektiniň aýratynlygy, ol hem gümrük hukugynyň halkara hukugyna örän golaý galtaşýanlygyndadyr. Beýle diýildigi gümrük gatnaşyklary halkara häsiýetli bolýar diýildigi däldir, gümrük gatnaşyklary döwletiň içki gümrük gatnaşyklaryny düzgünleşdriýän kadalardan ybaratdyr.

Ikinji bir aýratynlygy bolsa ol hem gümrük düzgüni döwletiň öz içinde ähli çäge degişli bolup serhetlerden ýolagçylary we ýükleri geçirmeklige

gönükdirilendir. Bu ýerde ýenede serhetden geçmeklik bilen bagly bolup bir döwletiň çäginden başga bir döwletiň çägine girmekden ybaratdyr. Şonuň ýaly döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary kadalaşdyrmak hiç bir hukuk pudagyna degişli däldir.

Şeýlelikde gümrük hukugynyň obýekti boýunça aýratynlygy serhet häsiýetliligidir.

Üçünji bir gümrük hukugynyň aýratynlygy ol bolsa onuň subýektleri bilen baglydyr. Ýokarda bellenilişi ýaly subýektleriň sany ýeterlik derejede giňdir. Şonuň üçin hem subýektler ýeke bir san taýdan wajyp bolman, hil taýdan hem wajypdyrlar. Şu nukdaý nazardan ugur alyp gümrük hukugynyň aýratynlygyny göz öňünde tutman bolmaýar, sebäbi onuň subýektleriniň arasynda uly orny daşary ýurt fiziki we hukuk toparlary tutýarlar.

Halkara gatnaşyklarynyň ösmegi bilen, mysal üçin, syýahatçylygyň, işewur saparlaryň köpelmegi – gümrük hukugynyň subýekti bolan daşary ýurtlaryň sanynyň gitdigiçe köpelýändigini aňladýar. Bu bolsa öz gezeginde halkara ylalaşyklaryň üsti bilen gümrük gatnaşyklarynyň köp meselesi kadalaşdyryjylar diýildigidir.

Gümrük hukugynyň beýleki hukuk pudaklaryndan aýratynlygy şulardan ybaratdyr. Şonuň üçin hem döwletiň gümrük işleri (meseleleri)

ýeke bir milli gümrük hukugy bilen kadalaşdyrylman, kä halatlarda halkara hukuk kadalary bilen kadalaşdyrylýan wagtlary hem bardyr. Bu bolsa gümrük hukugynyň özüne halkara ähmiýetini berýänligidir.

Ýokarda aýdylanlary tassyklamak üçin şu aşakdaky mysallara ýüzleneliň. Birinjiden, gümrük hukugy halkara hukugy ýaly döwletleriň arasynda halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaýan hem bolsa ol döwletleriň gümrük edaralarynyň we ýörite wekilleriniň gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaga gönükdirilendir. Mysal üçin, daşary ýurtdan gelen diplomatlaryň, konsullaryň we beýleki ýörite döwlet wekilleriniň el goşlaryny, ýüklerini serhetden geçirmek. Bu bolsa öz gezeginde gümrük hukugynyň ullanmaklygyň mazmunyna täsir etmän galmaýar, sebäbi halkara gatnaşygynda hukuk kadalaşdyrylyşy bilen bir hatarda halkara ýumşaklygy hem göz öňünde tutulmalydyr.

Ikinjiden, gümrük çygryndaky hakyky aragatnaşyk döwletleriň daşary gatnaşyklary bilen aýrylmaz arabaglanyşykdadyr.

Şeýlelikde, gümrük gatnaşyklarynyň aýratynlygy döwletleriň daşary gatnaşyklary bilen golaý bolanlygyndan ybaratdyr. Şonuň üçin hem bir tarapdan milli gümrük hukugy hökmany halkara hukuk ähmiýete eýe bolup, beýleki bir tarapdan

bolsa gümrük kontrollygy halkara hukuk kadalaşdyrylyşyny talap edýändir.

Mysal üçin, diplomatlary (wekilleri) gümrük ýygymlaryndan (pajlaryndan) boşatmaklyk halkara ýumşaklyk häsiýetine eýemi diýilende, Birleşen Milletler Guramasynyň halkara hukuk komissiýasy şol tejribäni halkara hukugynyň kadasy diýip teklip etdi. Bu düzgün bolsa diplomatik gatnaşyklaryň we el degrilmesiz diýen konwensiýanyň taslamasyna girizildi. Häzir bolsa bu kada 1961 ýylyň Wena konwensiýasynyň diplomatik gatnaşyklar diýen resminamasynyň 36 maddasynda göz öňünde tutulandyr.

Gümrük aragatnaşyk işleri döwletiň daşary ýurt gatnaşyklaryny aňlatman ýa-da gümrük syýasaty ýeke bir döwletiň ykdysady serhedini goramak bilen çäklenmän, bu syýasat daşary ykdysady maksatnamany ýerine ýetirmäge hem ýardam berýär, diýmekdir.

Şeýlelikde, gümrük hukugy döwletiň daşyna çykmaýan gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar, halkara hukugynyň (umumy we ýörite bölümleri) döwletleriň arasyndaky hem-de döwletleriň we döwletara guramalaryň arasyndaky gümrük meselelerini kadalaşdyrmaga niýetlenendir.

# Gümrük hukugynyň esasy ýörelgeleri we çeşmeleri

## § 1 . Gümrük hukugynyň esasy ýörelgeleri

Gümrük hukugy hem beýleki hukuk pudaklary ýaly birnäçe ýörelgeleriň esasynda guralýar we amala aşyrylýar. Ol ýörelgeler gümrük hukugynyň esasy ugruny kesgitleýärler we esasy başlangyç hökmünde hyzmat edýärler. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

- Gümrük hukugynyň demokratik merkezleşdirme ýörelgesi. Bu ýörelge nämäni aňladýar diýeniňde gümrük edaralarynyň berk merkezleşdirilen ulgamynyň barlygyny hem-de käbir meseleleri ýerli gümrük edaralarynyň özleriniň özbaşdak çözmäge ygtyýarynyň bardygyny aňladýar. Ýenede demokratik merkezleşdirme ýörelgesi aşakdaky gümrük edaralarynyň ýokardaky edaralaryna tabynlygyny hem-de ýokarky edaralaryň görkezmesi aşakdaky gümrük edaralaryna hökmanylygyny aňladýar.
- Milli deň hukuklyk ýörelgeleri. Bu ýörelge öz gezeginde gümrük hukuk kadalary ähli gümrük gatnaşyklarynyň fiziki taraplaryna

degişli bolup, milletine, reňkine, we beýleki häsiýetlerine garamazdan hemmesine deň ýagdaýda täsir edýändigini aňladýar.

- Kanunylyk ýörelgeleri. Bu ýörelge ähli hukuk pudaklaryna degişli bolup gümrük hukugynyň hem esasy ýörelgesiniň biri hökmünde hyzmat edýär. Kanunylyk ýörelgesi ähli gümrük işleriniň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Permanlaryna, kararlaryna, gümrük bütewi kanunyna we beýleki kada-namalara laýyklykda gurulmalydygyny talap edýär.
- Özaratäsirlilik we kodifikasiýalaşdyrmak ýörelgesi bolup gümrük hukugynyň kadalaryny beýleki hukuk pudaklaryň kadalaryna laýyklykda we arabaglanyşykda guralmalydygyny aňladýar.
- Gümrük hukugynyň ynsanperwerlik ýörelgesi bolsa belli-belli gümrük hukuk kadalary döwletiň içine ýada daşyna käbir predmetleriň geçirilmegini gadagan etmekden ybaratdyr. Mysal üçin, ýaraglary neşe jisimlerini, narkografik materiallary geçirmekligi gadagan edýär. Bu ýörelgäniň esasy mazmunynyň biri hem köplenç halatlarda ynandyryş usullaryny köp

ullanyp mümkin boldygyça jenaýat çärelerini dolandyryş çäreleri bilen, dolandyryş çärelerini bolsa terbiýeçilik çäreleri bilen çalşmaklyga çagyrýan ýörelgedir.

- Gümrük hukugynda giňden ullanylýan ýörelgeleriniň biri hem daşary ykdysady we daşary söwda gatnaşyklarynda diskriminasiýany göýbermezlikden ybaratdyr. Beýle diýildigi daşary gatnaşyklarda hemme adamlar üçin amatly şertleri döretmeli diýmekdir.
- Hasap (hasaplaýyş) ýörelgesi. Bu ýörelge esasanam gümrük gatnaşyklarynda örän bir gerek we wajyp hem-de giň ýaýran ýörelgäniň biridir. Sebäbi gümrük hukuk kadalary döwlet serhedinden geçirilýän predmetleriň we beýleki zatlaryň hasabyny berk ýöretmekligi talap edýärler.
- Ylmylyk ýörelgesi bolsa gümrük hukuk kadalarynyň ylmy barlaglaryň esasynda kabul edilmegini, hem-de gümrük kontrollygyny tehniki progressiň esasynda guramalydygyny kesgitleýär.
- Halk köpçüliginiň gatnaşmaklygy ýörelgesi bolsa ähli gümrük edaralarynyň öňünde

goýulan meseleleri halk köpçüliginiň gatnaşmagynda guramalydygyny aňladýar.

## § 2. Gümrük hukugynyň çeşmeleri

Türkmenistanyň 1992-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 18-e kabul edilen özbaşdak döwletiň ilkinji Konstitusiýasynyň 57-nji maddasynyň 2 punkrynda şeýle diýilýär, ýagny Türkmenistanyň Prezidenti daşary syýasatyň durmuşa geçirilmegine ýolbaşçylyk edýär, beýleki döwletler bilen gatnaşyklarda Türkmenistana wekilçilik edýär diýilip nygtalýar.

Ýokarda bellenenlerden ugur alsak, onda Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň gümrük gatnaşyklaryna degişli meseleleri kadalaşdyrmakda uly ähmiýetiniň bardygyna doly göz ýetirmek bolýar. Sebäbi Türkmenistanyň daşary syýasaty parahatçylygy gyşarnyksyz alyp barmak, giňden halkara gatnaşyklaryny ösdürmek we oňa doly şert döretmek, dostlygy we daşary ýurtlar bilen berk birege kömek bermek, ykdysady integrasiýa (bileleşige) işeňňir gatnaşmakdan ybaratdyr. Bularyň hemmesi Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň ählisi döwletiň daşary ykdysady işlerinde onuň bähbidini berk goramaly diýmekdir. Şonuň bilen birlikde halkara gatnaşyklarynda wajyp

instrument hökmünde ähli taraplaýyn daşary söwda we ykdysady gatnaşyklarynyň ösmegine oňaýly şertleriň döredilmegini gazanmalydyr.

Gümrük çygrynda gatnaşyklaryň oňaýly kadalaşdyrylmagynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy raýatlarynyň esasy hukuklaryny, borçlaryny kepillendirip olaryň bähbidini hem-de kanunylyk ýörelgesiniň berk berjaý edilmegini talap edýändir.

Gümrük hukugynyň esasy çeşmeleriniň biri hem 2010-njy ýylyň 12-nji martynda kabul edilen „Türkmenistanyň gümrük gullugy hakyndaky kanunydyr“.[1]

Gümrük gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda iň bir wajyp kanunlaryň biri hem 1993-nji ýylyň oktýabr aýynyň 8-e Prezident tarapyndan tassyklanan Türkmenistanyň gümrük kodeksidir. Bu resminamada Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işleriniň esasy meseleleri takyklanandyr, Türkmenistanda gümrük dolandyryşynyň, gümrük kontrollygynyň esasy düzgünleri, gümrük işleriniň aýratyn görnüşleri hem-de gümrük gatnaşyklarynyň bozulan ýagdaýyndaky jogapkärçilik meseleleri takyklanandyr. Şoňa göräde ähli gümrük

[1] Türkmenistanyň gümrük gullugy hakyndaky kanuny, Türkmenistan gazýeti, 17 mart, 2010ý.

gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan kada namalar Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we gümrük kodeksine laýyklykda kabul edilmelidir.

Birnäçe gümrük gatnaşyklary Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary we kararlary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary bilen kadalaşdyrylýandyr. Bular hem öz gezeginde gümrük hukuk gatnaşyklarynyň kadalaşdyrmakda uly orna eýedirler we aşakdaky döwlet edaralarynyň gümrüge degişli işini kadalaşdyrmak üçin hukuk çeşmesi hökmünde hyzmat edýärler. Mysal üçin, Türkmenistanyň dürli-dürli ministrlikleri we wedomstwalary gümrük işleri boýunça kadaly buýruklary gümrük kodeksine we beýleki kada namalaryň talabyna laýyklykda kabul edilmelidir.

Türkemnistanyň döwlet gümrük gullugy ähli öz ygtyýarlygyna girýän meseleler boýunça Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 5-nji maddasynyň esasynda ýerli gümrük edaralaryny dolandyryp, olara degişli görkezmeler berip, kontrollyk edip, gözegçiligiň esasynda, olaryň işlerini barlap degerli kada namalary (buýruklary) çykarmaga haklydyr.

Ýerli gümrük edaralarynyň ýolbaşçylary bolsa öz gezeginde özlerine degişli bolan namalaryny çykarýarlar. Operatiw ýolbaşçylygyň esasynda ýerli

gümrük edaralarynyň ýolbaşçylary düzgün-nyzam häsiýetli namalary hem çykarýarlar.

Gümrük gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyryşynda uly ähmiýete eýe bolan namalaryň içinde Türkmenistan bilen beýleki döwletleriň arasynda baglanyşylan halkara şertnamalarydyr. Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 7-nji maddasynyň esasynda egerde Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň kadalary halkara şertnamalaryna laýyk gelmedik ýagdaýynda, onda halkara şertnamalaryň kadalary täsir edýändir.

Gümrük gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylmagynda halkara konferensiýalarynyň berýän maslahatlary hem göz öňünde tutulmalydyr.

Şeýlelikde gümrük hukugynyň esasy çeşmesi hökmünde gümrük kodeksi we tertipnamalar hyzmat edýärler. Şu babatda ähli daşary ýurtlaryň tejribesi hem subut edýär. Mysal üçin:

- Bolgariýada – Gümrük hakyndaky kanun, 1960 ýylyň Nowruz aýynyň 8.
- Wengriýada – gümrük kanuny 1966 ý. başynda.
- Wýetnamda – gümrük hakynda düzgünnama.

- Polşada – Gümrük kontrollygy hakyndaky kanun, 1960 ýylyň Gorkut aýynyň 1.
- Rumyniýada – gümrük režimini kadalaşdyrmak hakyndaky kanun, 1961 ýylyň Bitaraplyk aýynyň 28.
- Beýik Britaniýada – kanun 1968 ýylyň Bitaraplyk aýynyň 5.
- ABŞ-da – Federal kanunlaryň ýygyndysy we palar hakyndaky kanunlar.
- Fransiýada – Dekret N68-481, 1968 ýylyň Magtymguly aýynyň 29.

Gümrük hukuk kadalary dolandyryş hökmany häsiýetlidirler. Olar döwlet serhedinden harytlary we gymmatlyklary geçirmekde işeňňir häsiýetdedirler.

Hukuk mazmuny boýunça gümrük hukugynyň kadalary borçly edýän we rugsat edýän häsiýetlidirler. Gümrük hukuk kadalarynyň däp bolan elementleri bardyr – ýagny gipoteza, dispozisiýa we sylaglamak.

Gümrük hukuk kadalary şu aşakdaky gatnaşyklary kadalaşdyrýarlar:

- Gümrük edaralaryny döretmek we olaryň işlerini guramak baradaky gatnaşyklary;

- Gümrük edaralarynyň ulag serişdelerini we ýükleri geçirmek babatdaky gatnaşyklary;
- Gümrük edaralarynyň serhetden adamlaryň emläklerini göýbermek babatdaky gatnaşyklaryny;
- Hukuk goraýjy gatnaşyklaryny.

# Türkmenistanda gümrük işleriniň dolandyrylyşynyň guralyşy

## § 1 . Gümrük edaralarynyň işleri barada düşünje

Türkmenistanyň gümrük kodeksinde we Türkmenistanyň gümrük gullugy hakyndaky kanunynda gümrük edaralarynyň esasy funksiýalary (işleri) kesgitlenendir. Gümrük edaralarynyň şol namalara laýyklykda esasy wezipesi daşary söwda meselesine kontrollyk, gümrük barlaglaryny geçirmek hem-de gümrük düzgünleriniň bozulmagyna we kontrabanda garşy göreş alyp barmakdan ybaratdyr. Şeýlelikde Türkmenistanyň gümrük gullugy hakyndaky kanunynyň 15-nji maddasyna laýyklykda gümrük gullugynyň amala aşyrýan işleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň döwlet gümrük syýasatyny işläp taýýarlamaga gatnaşýar ony durmuşa geçirýär;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny we ykdysady garaşsyzlygyny, bu ugurda döwletiň bähbitlerini goramaga gatnaşýar;

- Türkmenistanyň gümrük işi hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine gözegçiligi üpjün edýär;
- harytlary we ulag serişdelerini Türkmenistanyň gümrük serhedinden üst aşyr geçirmegiň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibiniň berjaý edilişine gözegçilik edýär;
- söwda-ykdysady işini gümrük taýdan düzgünleşdirmegiň serişdelerini ulanýar, gümrük serhedinden üsaşyr geçirilýän harytlar babatda ykdysady syýasatyň çärelerini işläp taýýarlamaga gatnaşýar;
- Türkmenistanyň gümrük serhediniň üstünden harytlar, ulag serişdeleri, fiziki şahslar geçirilen halatynda kontrabanda, gümrük kanunçylygynyň hukuk taýdan bozulmalaryna, neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň, şeýle hem Türkmenistanyň halkynyň we daşary ýurt döwletleriniň çeperçilik, taryhy-arheologik gymmatlyklarynyň, intellektualeýeçilige degişli zatlaryň, ýitip gitmek howpy bolan haýwanlaryň we ösümlikleriň görnüşleriniň, beýleki harytlaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreşýär;

- ýaraglary, ok-därileri, zäherleýji we radio-aktiw jisimleri hem-de maddalary, hereket edýän konstitusion gurluşy agdarmaga, jemgyýetçilik howpsuzlygyny we ahlagyny bozmaga çagyrýan neşirleri we beýleki maglumatlary Türkmenistanyň gümrük serhedinden bikanun geçirmäge edilýän synanşyklaryň öňüni almak işlerini, terrorçylyga garşy göreşi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde we beýleki hukuk goraýjy edaralalary bilen bilelikde alyp barýar;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük tölegleriniň dogry hasaplanylyşyna, doly we öz wagtynda tölenilişine gözegçilik edýär;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gümrük gullugy tarapyndan ygtyýarlandyrylmagy bellenilen işleriň görnüşlerini ygtyýarlandyrýar;
- gümrük işi babatda Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
- gümrük edaralarynyň maddy-tehniki binýadyny ösdürýär we kämilleşdirýär;

- gümrük işini dolandyrmagyň awtomatlaşdyrlan ulgamlaryny işläp taýýarlaýar we olary ornaşdyrýar;
- gümrük gullugynyň işini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki işleri amala aşyrýar.[1]

Bulardan bagşgada Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň üstüne

- Türkmenistanyň serhedinden ulag serişdeleri bilen äkidilýän ýüklere kontrollyk etmek.
- Türkmenistanyň serhedinden el goşlaryny, bagažlaryny, walýutalary we walýuta gymmatlyklaryny we halkara hat habar ugradylyşyna gümrük kontrollygyny etmek (geçirmek).
- Türkmenistanyň serhedinden bikanun ýükleri, zatlary, walýutalary geçirmekligiň öňüni almak we olary döwletiň haýryna geçirmek.
- Gümrük düzgünlerini bozan adamlary dolandyryş

[1] Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy hakyndaky kanuny, Türkmenistan gazeti 17-nji mart 2010ý.

jogapkärçiligine çekmek, ýa-da derňew edaralaryna
geçirmek.

- Bellenen tertipde gümrük ýygymlaryny almak.
- Gümrük düzgünlerini bozan adamlara dolandyryş temmileri bellemek
- Ýerli maliýe edaralarynyň üsti bilen saklanan zatlary, talap edilmedik zatlary ýada döwletiň haýryna geçirilen zatlary satmaga geçirmek.

Käbir halatlarda gümrük edaralary özleriniň (funksiýalaryny) işlerini serhet gullukçylary bilen bilelikde amala aşyrýarlar. Bu işler Türkmenistanyň ykdysady hem syýasy tarapdan ybarat bolup metbugat önümleriniň, resminamalarynyň materiallaryň Türkmenistanyň serhedinden geçirilmezligi üçin gönükdirilendir. Ýenede bir bellemeli zat ol hem gümrük edaralary serhet goşunlary bilen hem-de karantin inspeksiýasy we weterinar punktlary bilen bilelikde Türkmenistanyň çägini ösümlikleri ýokanç kesellerinden, keselli öý haýwanlaryndan we oba hojalygyndaky haýwanlardan, hem-de keselli öý guşlaryndan goramakdan ybaratdyr. Şeýlelikde gümrük edaralary şol agzalan zatlaryň serhetden geçirilmelidigini kesgitleýär.

## § 2 . Türkmenistanda gümrük işleriniň dolandyrylyşy

Gümrük edaralarynyň işleriniň aýratynlygy olaryň guramaçylyk düzümine hem-de beýleki döwlet edaralary bilen aragatnaşygyna hem täsir edýär. Bu bolsa öz gezeginde gümrük işleriniň dolandyrylyşynyň ýeketäk wertikal görnüşde bolup, ýerli häkimiýet we dolandyryş edaralarynda tabyn bolmaýanlygyny aňladýar, sebäbi ol edaralar gümrük edaralarynyň içki işlerine gatyşmaga haklary ýokdyr. Prokuratura edaralary gümrük edaralarynyň işlerinde kanunyň berjaý edilişine gözegçilik edip, olaryň içki işlerine goşulmaly däldir.

Türkmenistanyň gümrük kodeksi 5-nji maddasynyň esasynda gümrük işlerine umumy ýolbaşçylygy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti amala aşyrýar. Türkmenistanyň gümrük kodeksi 6-njy maddasyna laýyklykda bolsa Türkmenistanda gümrük işleri gös-göni Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy we beýleki gümrük edaralary tarapyndan amala aşyrylýar we ýeketäk bir ulgam hökmünde çykyş edýär. Bularyň düzümi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy.
- Gümrükler.
- Gümrük postlary.
- Gümrük göýberiş punktlary

Türkmenistanyň gümrük kodeksi 7-nji maddasynda Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň esasy wezipeleri we borçlary kesgitlenendir: olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Gümrük işi hakyndaky kanunçylyk namalaryň berjaý edilmegini üpjün etmek;
- Özleriniň ygtyýarlarynyň çäklerinde Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny goramagy üpjün etmek;
- Gümrük-tarif mehanizmini işläp taýarlamak we ulanmak;
- Harytlary we başga zatlary getirmäge we äkitmäge rugsat beriş ulgamynyň berjaý edilişine kontrollyk etmek, gümrük pajyny, salgytlary we gümrük ýygymlaryny töledip almak;
- Gümrük kontrollygyny amala aşyrmak we ony resmileşdirmek, harytlaryň başga zatlaryň we ýolagçylaryň gümrük serhediniň üstünden çalt geçirilmegine ýardam edýän şertleri döretmek;

- Kontrabanda hem-de gümrük kadalarynyň beýleki bozulmalaryna garşy şu kodeksda we beýleki kanunçylyk namalarynda bellenen tertipde çäre görmek, şol meseleler boýunça baglaşylan ylalaşyklary laýyklykda beýleki döwletleriň gümrük edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmek;
- Getirilýän harytlary alyjylaryň bähbidini goramaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek;
- Gümrük işine degişli meseleler baradaky halkara hyzmatdaşlygyna Türkmenistanyň gatnaşmagyny üpjün etmek;
- Gümrük edaralarynyň işi hakyndaky hasabatlary we esasy statistiki maglumatlary Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde bermek;
- Döwlet edaralaryny, kärhanalary, guramalaryny hem-de raýatlary gümrük meseleleri baradaky maglumat bilen üpjün etmek;
- Gümrük işine degişli meseleler barada hünärmenleri taýýarlamak, olaryň hünärlerini artdyrmak;
- Türkmenistanyň hukuk goraýjy edaralary hem-de serhet goşunlary bilen hyzmatdaşlyk etmek;

- Türkmenistanyň gümrük meselelerine degişli bolan halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmekden ybaratdyr diýip takyklanýar.

Häzir hereket edýän Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy funksional ýörelgesi esasynda gurulandyr. Onuň gurluşy bölümleriň işleriniň esasy ugurlary boýunça kesgitlenendir. Olaryň ygtyýarlary kompleksleýin häsiýetde bolup bir bölümiň ygtyýary beýleki bölümleriň ygtyýarlary bilen aýrylmaz baglydyr. Mysal üçin, kontrabanda we beýleki düzgünleriň bozulmagyna garşy göreş alyp barýan bölüm esasanam şol mesele boýunça çäreleri durmuşa geçirýär. Bir wagtyň özünde halkara ylalaşyklaryň işlenmeginde bolsa, haçanda kontrabanda we beýleki düzgün bozulmalaryna degişli bolsa onda ol öz gezeginde şol çözgütleriň çykarylmaklygyna uly täsir edip bilýär.

Funksional ýörelgeler bilen birlikde gümrük işlerinde territorial ýörelgeler hem ýeterlik ähmiýete eýedirler. Territorial ýörelgäniň esasynda operatiw inspektorlaryň arasyndaky borçlaryň bölünmegi, her birisi bolsa öz gezeginde gümrük edaralarynyň işlerine kesgitlenen döwlet serhediniň böleklerine jogap berýärler.

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy öz bölümleriniň düzgünnamalaryny kabul edýär. Oňa

laýyklykda her bir bölüm öz wezipesini berjaý edýär.

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy hakyndaky kanunynyň 19-njy maddasyna laýyklykda döwlet gümrük gullugyna işe kabul edilende birnäçe talaplar bildirilýär, ýagny döwlet dilini bilýän, çagyryş boýunça harby gullugyň bellenilen möhletini gulluk eden, öz şahsy, ahlak we işjeňlik häsiýetleri, fiziki taýýarlygy, bilimi we saglyk ýagdaýy boýunça gümrük gullugyna ýüklenen borçlary ýerine ýetirmäge ukuply, Türkmenistanda ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlary gümrük edaralarynyň düzüminde harby gullugy geçmek üçin meýletin esasda kabul edilýär.

Gümrük gullugynda gulluk etmäge kabul edilýän raýata şu aşakdaky talaplar bildirilýär:

- Türkmenistana, halka we Türkmenistanyň Prezidentine wepaly bolmak;
- Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny birkemsiz berjaý etmek;
- raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini hormatlamak we goramak, ýokary medeniýetliligi berjaý etmek;

- döwletiň özbaşdaklygyny, syýasy we ykdysady bähbitlerini goramak;
- Türkmenistanyň halkynyň milli adatlaryna we däp-dessurlaryna hormat goýmak;
- düzgün-nyzamy we jogapkärçiligi ýokary derejede berjaý etmek;
- işe döredijilikli çemeleşmek, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk iş alyp barmagy başarmak;
- salyhatlylyk, halallyk, öz işiniň netijelerine hakyky we tankydy baha bermegi başarmak ukyby.

Gümrük gullugyna işe kabul edilýän raýatlar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda resminamalary we maglumatlary berýärler.

Işgärleriň eýeleýän wezipelerine laýyk gelýändigini kesgitlemek, olaryň hünärini ýokarlandyrmak maksady bilen gümrük gullugynda hünär synaglary geçirilýär. Hünär synagyny geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan kesgitlenilýär.

Işgärleriň gysga möhletli harby türgenleşigi geçmekleriniň tertibi we harby türgenleşigiň möhletleri Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň ýolbaşçysy tarapyndan bellenilýär.

Gümrük gullugynyň häsiýeti gümrük edaralarynyň işgärlerine ýokarda aýdylanlardan

başgada birnäçe talaplary bildirýär. Gümrük edarasynyň işgäri düzgün boýunça daşary ýurt raýatlaryň ilkinji görýän adamsy bolup onuň daşky görnüşi, özüni alyp barşy, işiniň hili, döwletiň ähli edaralarynyň nähili işleýändigini kesgitleýär.Tertiplilik, mylaýymlyk we beýleki adama mahsus bolan oňat häsiýetleriň hemmesi gümrük işgärlerinde jemlenen bolmalydyr. Bir wagtda olara iň ýokary derejede hünär ussatlyk, dürli ýagdaýdan dogry netije çykarmak, gümrük kanunçylygyny örän oňat bilmek we olary tejribede dogry ullanmagy başarmak hem-de ýiti synçylyk – gümrük işgärleriniň häsiýetiniň aýrylmaz bir bölegi bolmalydyr.

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugyna onuň başlygy ýolbaşçylyk edip, onuň orunbasarlary bolup, olar hem öz gezeginde kesgitli uçastoklara jogap berýärler. Olar Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan işe kabul edilýärler we işden boşadylýarlar.

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 6-njy maddasyna laýyklykda ýerli gümrük edaralarynyň hataryna gümrükhanalar, olara tabynlykda bolan gümrük postlary girýärler. Gümrükhanalar ýuridik tarap bolup, gümrük poslary bolsa ýuridik tarap bolman golaýda ýerleşen gümrükleriň bölegi hökmünde hereket edýärler. Umumy düzgün

boýunça ähli gümrükhanalar meňzeş düzümlidirler. Olar belli-belli görnüşlere öz işleriniň aýratynlygyna (häsiýetine) baglylykda bölünýärler. Gümrükhananyň işine onuň naçalnigi ýolbaşçylyk edýär. Onuň bolsa 1 ýada 2 sany orunbasarlary bolýar. Birnäçe gümrükhanalar kesgitli serhet böleklerinde gije gündiziň dowamynda kontrollygy amala aşyrýarlar we öz işlerini nobatlaýyn guraýarlar, ýagny ähli işgärler operatiw smenalara bölünýärler we olaryň nobat naçalnigi olaryň işine ýolbaşçylyk edýär. Nobatlar bolsa gije-gündiz belli döwlet serhediniň uçastoklarynda gümrük kontrollygyny amala aşyrýarlar. Öz gezeginde işgärleriň iş uçastoklaryny olaryň arasynda nobatyň naçalnigi paýlaýar.

Ýerli gümrük edaralary özleriniň işleriniň häsiýetine görä, ýagny olar serhet gümrükhanalary we içki gümrükhanalara hem-de gury ýer, howa we deňiz gümrükhanalaryna bölünýärler.

Gümrükhanalaryň köp bölegi serhetde bolup öz işlerini Türkmenistanyň serhedinde amala aşyrýarlar, ýöne içki gümrükhanalar hem hereket edýärler.

## § 3 . Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary we olaryň hukuk taýdan goralyşy

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň gullygyna Türkmenistanyň raýatlary öz islegleri boýunça şertnama esasynda ýörite topar tarapyndan kabul edilýärler. Ilkinji gezek kabul edilenlerinde 6 aýa çenli synag möhleti goýulyp bilinýändir.

Gümrük edaralaryna işe kabul edilen wagtynda Türkmenistanyň raýatlary özleriniň kanuny berjaý edip we dogry gulluk etjekdikleri hakynda kasam kabul edýärler. Kasamyň teksti Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklandy we ony kabul etmekligiň tertibi Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy tarapyndan kesgitlenýär.

Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary üçin personal (ýörite) atlar dakylýar. Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary üçin dakylýan atlar hakyndaky düzgünnama Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýar.

Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary özleriniň gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän mahaly (forma) ýörite geýim geýmelidirler, ol geýimler özleriniň şekilleri bilen tapawutlanýarlar

bellenilýär, olary geýmekleriň tertibi bolsa Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy tarapyndan kesgitlenýär.

Gümrük edaralarynyň weyipeli adamlarynyň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň gümrük kodeksi we beýleki kanunlar arkaly hem-de (dissiplinar) düzgün-nyzam kadalary bilen kesgtilenýär.

Gümrük edaralarynyň gullugyna jenaýatly etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamlar kabul edilip bilinýän däldir.

Gümrük edaralarynyň gullukçylaryna öz esasy işleriniň daşyndan başga bir işde işlemeklik gadagan edilýär, ýöne mugallymçylyk bilen bagly bolan ýagdaýynda daşyndan işlemäge rugsat edilýär.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary özleriniň gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtlarynda döwlet häkimiýetiniň wekilleri hökmünde ykrar edilýär we olar döwlet tarapyndan goralýar.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň kanuny talaplary ähli raýatlar we wezipeli adamlar üçin hökmandyr.

Şeýlelikde gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary özleriniň üstlerine ýüklenen borçlaryny ýerine ýetiren mahalynda ýeketäk kanuna bil

baglaýarlar we onuň çäginde hereket edýärler, hem-de diňe özleriniň ýolbaşçylaryna tabyndyrlar. Hiç haçan, hiç kim Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işine gatnaşmaga haky ýokdyr.

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 10-njy maddasyna laýyklykda belli-belli gümrük edaralarynyň wezipeli adamlaryna ýarag we beýleki serişdeleri saklamaga we ony ullanmaga hukuk berilýär. Ol wezipeli adamlar bolsa Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy tarapyndan kesgitlenýär. Olaryň görnüşleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işgärleri kanun tarapyndan goralýarlar. Kanun esasynda olaryň ömri, saglygy, at-abraýy, mertebesi we olaryň özleriniň hem maşgalasynyň emläkleri jenaýatly howplardan we beýleki bikanun hereketlerden goralýar.

Gümrük edaralarynyň işgärleriniň kanuny talabyna, görkezmesine boýun bolmadyk ýagdaýynda, ýada olaryň mertebesiniň peseldilen halatynda hem-de olara haýbat atylan wagtynda Türkmenistanyň kanunlary arkaly jenaýat ýada dolandyryş jogapkärçiligine çekilýär. Ýöne şol görkezmeler gümrük işgärleriniň özleriniň gulluk borçlaryny ýerine ýetiren mahalynda berilmelidir.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işgärleri maddy hem durmuş taýdan goralýandyr. Mysal üçin, wezipeli işgärleriň aýlyk haklaryna egerde olaryň personal atlary bar bolsa onda şu aşakdakylar goşulýar: wezipe oklady (haky), personal adyna berilýän hak, köp ýyl işlänligi üçin we daşary ýurt dilini bilýänligi üçin tölenýän goşmaça hakdan ybaratdyr. Gümrük edaralarynyň personal ady bolan wezipeli adamlaryna degişli gümrük edaralarynyň işi alyp barýan gulluk şahadatnamasy esasynda ulagyň ähli görnüşlerinden (taksiden başga) mugt peýdalanmak hukugy berilýär.

Mundan başgada gümrük edaralarynyň işgärlerine hökmany döwlet strahowaniýasy (ätýaçlendiriş) degişli edilýär. Strahowaniýe etmegiň tertibini hem şertlerini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär.

Gümrük edarasynyň önümçilikde heläkçilik çeken işgärlerine ýetirilen zyýan üçin döwletiň maddy taýdan çekýän jogapkärçiligi Türkmenistanyň “Zähmeti goramak hakyndaky” Kanunyna laýyklykda kesgitlenilýär.

## § 4 . Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň jogapkärçiligi

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 15-nji maddasynyň esasynda Türkmenistanyň gümrük edaralary haçanda kada-kanuna ters gelýän kararlary çykarsa, ýada ters hereketleri we hereketsizligi etse, hemem wezipeli adamlaryň we beýleki işgärleriň özleriniň gulluk ýada zähmet borçlaryny ýerine ýetirýän halatlarynda kada-kanuna ters gelýän kararlary çykarsa olardan adamlara we olaryň emlägine zyýan we zelel ýetirilse onda olar jogapkärçilige çekilýärler, ýetirilen zyýanyň ýada zeleliň öwezi Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan tertipde tölenilýär.

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 16-njy maddasyna laýyklykda bolsa kada-kanuna ters gelýän kararlar, hereketler ýada hereketsizlik üçin Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary we beýleki işgärleri kanun esasynda düzgün-nyzam, dolandyryş, jenaýat jogapkärçiligine we gaýry jogapkärçilige çekilmäge degişlidirler.

## Gümrük edaralarynyń işleriniń hukuk görnüşleri (formalary)

### § 1. Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden harytlary we beýleki zatlary geçirmekligiń tertibi

Türkmenistanyń gümrük edaralarynyň köp taraplaýyn işlerini ulgamlaşdyrmak meselesi birnäçe şertleriń üsti bilen amala aşyrylýar. Mysal üçin, ýükleri daşamak, gümrük hereketiniń täsiri, gümrük kontrollygynyń obýekti we beýleki gümrük edaralaryń işlerini şu aşakdaky ýagdaýlar boýunça işlere bölmek bolýar:

1. Deńiz üsti bilen äkitmek;
2. Derýa üsti bilen äkitmek;
3. Howa üsti bilen äkitmek;
4. Demir ýol üsti bilen äkitmek;
5. Awtomobil ulagy bilen äkitmek.

Gümrük prosedurasynyń stadiýalary (basgançaklary) boýunça şu aşakdykalara bölmek bolýar, ýagny resminamalary resmileşdirmek, gümrük barlygyny geçirmek, gümrük töleglerini

tölemegiń tertibi, zatlary saklamak işleri; ýüklere kontrollyk etmek, ulag serişdelerine kontrollyk etmek; el goşlaryna we bagalara kontrollyk etmekden ybaratdyr.

Ýükleriń, zatlaryń ugradylyş tertibinden ugur alyp gümrük kontrollygy suw üsti bilen äkidilende, demir ýol we awtomobil hem-de howa ýollary üsti bilen äkidilmegine kontrollyk etmekden ybaratdyr. Kanunlarda bellenilşi ýaly gümrük kontrollygy halkara hat habarlary (gatnaşyklar) üsti bilen iberilýän zatlara hem edilýändir.

Belli-belli kanunlaryń üsti bilen başgada gümrük işleri amala aşyrylýar, mysal üçin gümrük barlagy we ýükleri göýbermek, olary saklamak, satmaga geçirmek we gümrük ýygymlary.

Başga bir tarapdan gümrük işleriniń toparlary gümrük işleriniń biri-biri bilen özara baglydyklaryny görkezýär.

Umumylykda alanymyzda ähli ýokarda agzalan gümrük hereketlerini kanunlarda – gümrük operasiýalary (işleri) diýip aýdylýar we olar gümrük edaralarynyń işleriniń hukuk görnüşini emele getirýärler.

Gümrük işleri islendik döwletde gümrük kontrollygynyń üsti bilen amala aşyrylyp, ol

mesele her bir döwletiń içki kanunlary we halkara ylalaşyklary arkaly düzgünleşýär. Bu meselede esasy orny döwletleriń öz içki kanunlary eýeleýärler, sebäbi her bir döwletde içki kada namalar dürli-dürli bolýarlar, olaryń ykdysady derejesini, senagatyń ösüşini, taryhyny milli we medeni aýratynlyklaryny göz öńünde tutmaly bolýarlar. Şonuń üçin hem döwletleriń içki kanunçylygy gümrük işlerini kadalaşdyrmakda esasy çeşme hökmünde gulluk edýärler. Şońa göräde Türkmenistanyń Gümrük Bütewi Kanunynyń ýörite bölümi gümrük operasiýalaryny geçirmekligiń tertibini kesgitleýär, we ońa mysal edip Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň IX babyny görkezmek bolar. Ol bapda gümrük kontrollygyń hemme ýagdaýlary kesgitlenýär.

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 17-nji maddasynda bellenilşi ýaly ähli adamlara harytlary we beýleki zatlary Türkmenistana getirmekde we Türkmenistandan äkitmekde, şonuń bilen birlikde daşary ykdysady işlerini amala aşyrmakda deń hukuklydyrlar diýlip nygtalýar.

Türkmenistanyň gümrük kodeksi we beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden

bellenen tertipde islendik harytlary we başga zatlary, Türkmenistana getirmek we ondan äkitmek, hem-de Türkmenistanyń çäginiń üstünden ustaşyr (tranzit) geçirmek gadagan edilmedik zatlar geçirilip bilner. Ol hereketler bolsa gümrük kontrollygy astynda hem-de ýörite resmileşdirmek arkaly amala aşyrylýar.

Harytlaryń we beýleki zatlaryń aýry-aýry görnüşlerini äkitmek hem getirmek meselesi hem-de Türkmenistanyń çäginiń üstünden üstaşyr (tranzit) geçirilmegini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan çäklendirilip bilner.

Ulag serişdelerini Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden geçirmekligiń tertibi barada gürrüń edilende şeýle tertipde nygtamak bolýar, ýagny ulag serişdeleri (şol sanda hususy ulaglary) şol serhetden gümrük edaralarynyń ýerleşýän ýerinde göýberiş nokatlarynda geçirilýär. Olaryń durmaly wagty bolsa gümrük edaralarynyń kontrollygyny geçirmekligiń we ony resmileşdirmegiń zyýanyna gysgaldylmaly däldir. Ulag serişdeleri gümrük serhedinden geçirilende gümrük edaralarynyń we araçäk kontrollygy edaralaryń rugsat etmekleri arkaly ugradylýar (18-nji madda).

Walýutalary we walýuta gymmatlyklaryny Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden

geçirilmegi barada bolsa ol hereketler Türkmenistanyň gümrük kodeksi, beýleki kada - namalarda bellenen tertipde äkidilip we getirilip biliner (19-njy madda) .

Harytlary we başga zatlary Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden ustaşyr (tranzit) geçirmegiń tertibi bolsa Türkmenistanyń kanunlary we Türkmenistanyń gatnaşýan döwletara ylalaşyklary esasynda kesgitlenilýär (20-nji madda).

Zatlary Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden geçirmegiń tertibi bolsa raýatlaryń Türkmenistana getirmek we äkitmek hem-de Türkmenistanyń çäginiń üstünden ustaşyr (tranzit) gadagan edilmedik ýa-da çäklendirilmedik zatlary geçirmäge haklydyrlar. Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 21-nji maddasynda bellenilişi ýaly Türkmenistanyń Ministrler Kabineti zatlaryń aýry-aýry görnüşlerini gümrük serhediniń üstünden geçirmek üçin mukdar, baha çäklendirmeleri we beýleki gerek bolan esaslary belläp bilýär.

## § 2 . Gümrük pajy we gümrük ýygymlary

Her bir Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden geçirilýän harytlardan we başga zatlardan, kanuny tertipde gümrük pajy alynmalydyr (23-nji madda).

Türkmenistanyň gümrük kodeksina laýyklykda gümrük serhediniń üstünden ýagny adamsyz äkidilýän bagaž bilen, halkara poçta hat-habarlary arkaly ýa-da ýük bilen geçirilýän ulag serişdelerini (şol sanda hem peýdalanýan hususy ulag serişdeleriniń), harytlaryń we miras galdyrylan emlägiń, şeýle hem zatlaryń gümrük taýdan resmileşdirilendigi üçin, ýa-da harytlaryń we başga zatlaryń gümrük edaralarynda saklamaga kabul edilendigi üçin, gümrük edaralarynyń ýerleşýän ýerinden başga ýerde ýa-da onuń üçin bellenen iş wagtyndan başga wagtda olaryń gümrük taýdan resmileşdirilenligi üçin gümrük ýygymlary alynýar. Gümrük ýygymlaryń möçberini Türkmenistanyń Ministrler Kabineti belleýär we olary almagyń tertibi bolsa Türkmenistanyń döwlet gümrük gullugy tarapyndan kesgitlenýär.

Gümrük töleglerini hasaplamak üçin bolsa harytlaryń we başga zatlaryń gümrük gymmatlyklary esas bolup bilýärler.

Näçe möhletiń içinde gümrük töleglerini tölemeli we kim tölemeli. Gümrük töleglerini deklarant töleýär. Haçanda harytlary we başga zatlary geçirýän adamyń (deklarantyń) özi bolmasa, onda şol adam gümrük tölegleriniń tölenmegi üçin şärik jogapkärçilik çekýär. Gümrük tölegleri

gümrük deklarasiýanyń kabul edilmeginden ozal ýa-da kabul edilen pursatyndan tölenilýär.

Türkmenistanyń gümrük serhedinden harytlar we beýleki zatlar bikanun geçirilen ýagdaýynda gümrük tölegleriniń tölenilmegi üçin şärik jogapkärçiligi harytlary bikanun geçirýän adamlar we olara gatnaşýan adamlar, eger olar şol herekediń bikanundygyny bilen bolsalar çekýärler. Edil şonuń ýaly bikanun tertipde harytlar we başga zatlar getirilen bolsa onda olar hem şärik jogapkärçilik çekýärler.

Haýsy möhletiń içinde gümrük töleglerini tölemeklik kanun arkaly berjaý edilmelidir, ýagny tölegler gümrük deklarasiýasynyń kabul edilmeginden ozal ýa-da kabul edilen pursatynda tölenmelidir. Eger-de gümrük deklarasiýasy bellenilen möhletde berilmedik bolsa, onda gümrük töleglerini tölemegiń möhleti gümrük deklarasiýasynyń bermegiń möhleti geçen gününden beýläk hasaplanylmalydyr.

Gümrük tölegleri Türkmenistanyń gümrük edaralaryna tölenilýär, halkara poçta hat-habarlary bilen iberilýän harytlar we başga zatlar üçin bolsa aragatnaşyk kärhanasyna tölenilýär, ol bolsa gezeginde gümrük edralarynyń sçetlaryna (hasabyna) geçirýär.

Kanunda bellenişi ýaly aýratyn halatlarda töleg töleýän taraplara (adamlara) gümrük töleglerini tölemegi gaýra süýşürip ýa-da olary böleklere bölüp tölemek ygtyýary berilip bilinýändir. Olaryń möhleti bir aýdan artyk bolmaly däldir, hem-de Türkmenistanyń merkezi bankynyń bellän möçberleri boýunça göterimler alynýar.

Tölegleriń tölenilmegini gaýra süýşirmek ýa-da olary böleklere bölüp tölemäge ygtyýar bermek hakyndaky karary resmileşdirmek işini geçirýän gümrük edarasy kabul edip bilýändir.

Haýsy tertipde gümrük tölegleriń tölenilmegini üpjün edip bolýar diýenimizde bolsa, onda ol ýagdaý bank edaralarynyń kenil geçmegi ýa-da harytlaryń we başga zatlaryń girew goýulmagy bilen üpjün edilip bilinýär. Girewe goýulan zatlar gümrük edaralarynyń karary bolmasa onda olar girew goýujynyń elinde çalyp bilýär. Girewe goýan zatlaryń eýesi bolsa şol zatlary gümrük edaralarynyń rugsady bolmasa ygtyýar etmäge haky bolmaýar. Girew bolsa Türkmenistanyń girew hakyndaky kanuny esasynda resmileşdirýär.

Haçanda gümrük tölegleriniń tölenilmedik ýagdaýynda gümrük edaralary tarapyndan Türkmenistanyń raýat kodeksiniń esasynda töletdirilýär. Berginiń dowam edýän wagty üçin

peniýa töletdirilýär, onuń möçberi bolsa Türkmenistanyń döwlet gümrük gullugy hem-de Türkmenistanyń Ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşyp bellenilýär. Haçanda töleg tölemekden boýun gaçyrylsa onda töleg töleýjiniń hasaplary boýunça operasiýa geçirmegi togtatmak hakynda gümrük edarasy banklar üçin hökmany bolan karar kabul edip bilýändirler.

Käbir halatlarda artyk tölegleriń tölenmegi hem ähtimaldyr. Ol ýagdaýda şol tölenen artyk pul ygtyýarly edilen adamyń talap etmegine görä bir ýylyń dowamynda yzyna gaýtarylyp berilmelidir we yzyna berlen töleg pul üçin hiç hili göterim tölenilmeýär. Gaýtaryp bermegiń tertibi bolsa Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy bilen Türkmenistanyń Ykdysadyýet we maliýe ministrligi ylalaşyp kesgitleýärler.

## § 3. Türkmenistanyń gümrük serhedinden goýbermegiń tertibi

Harytlaryń we beýleki zatlaryń Türkmenistanyń gümrük serhedinden göýberilmegine gümrük edaralarynyń rugsat bermegi esasynda şu aşakdakylar üçin ýol berilýär (32-nji madda ýüzlenmeli).

Türkmenistanyń gümrük çäginde ýa-da onuń çäklerinden daşarda erkin çemeleşmegi üçin.

Türkmenistanyń gümrük çägine wagtlaýyn getirmek ýa-da onuń çäklerinden daşyna wagtlaýyn äkitmek maksady bilen.

Türkmenistanuń çäginiń üstünden ustaşyr (tranzit) geçirmek üçin.

Harytlar we beýleki zatlar gümrük kontrollygy tamamlanan soń, Türkmenistanyń gümrük serhedinden geçirmek rugsatnamada näçe möçberde görkezilen bolsa, şol möçberde hem goýberilip bilner.

Gümrük ýeńillikleri berlen harytlar we başga zatlar dińe şol ýeńilligiń niýetlenilen maksatlary üçin ullanylyp bilner. Olaryń başga maksatlar üçin ullanylmagyna dińe degişli gümrük rugsatnamasy resmileşdirilenden soń berilýär.

Türkmenistanyń gümrük serhedinden şu aşakdaky harytlary we başga zatlary göýbermäge rugsat berilmeýär:

1. Türkmenistana getirmek we ondan äkitmek, şeýle hem ustaşyr (tranzit) daşamak gadagan edilen zatlary;
2. Gümrük kontrollygyndan geçirilmedik zatlary;

3. Türkmenistanyň gümrük kodeksinda we Türkmenistanyń beýleki kanunçylyk namalarynda bellenen tertibi berjaý edilmezden, gümrük serhedinden göýberiljek bolunýan zatlar.

Haýsy halatlarda Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlary we başga zatlary geçirmeklige rugsat berilýär:

- Eger olaryń gümrük çäginden äkidilmegi üçin kanunçylyga laýyklykda gümrük pajy hem-de gümrük ýygymlary tölenen bolsa;
- Eger harytlary gümrük çägine getirmek we äkitmek üçin kanunçylykda göz öńünde tutulan esasnamalar berlen bolsa;
- Eger gümrük serhediniń üstünden geçirilende gümrük pajy we gümrük ýygymlary alynýan harytlar we beýleki zatlar aşakdaky halatda şol paç we ýygymlar tölenmekden, şolaryń erkin çemeleşilmegi üçin Türkmenistanyň gümrük derhedinden göýberilip bilner;
- Eger Türkmenistanyń kanunçylyk namalaryna laýyklykda kärhanalara, guramalara we raýatlara banklaryń kepil

geçmekleri ýa-da harytlaryń we başga zatlaryń girew goýulmagy esasynda gümrük pajy we ýygymlary tölemegi gaýra süýşürmäge ýa-da olary böleklere bölüp tölemäge rugsat edilen bolsa.

Erkin çemeleşmek üçin göz öńünde tutulan harytlar we başga zatlar aşakdaky halatlarda gümrük edaralaryna görkezilip bilner:

Türkmenistanyń gümrük serhedini kesip geçen pursatynda ;

Türkmenistanyń gümrük çägine wagtlaýyn getirmek ýa-da wagtlaýyn äkitmek üçin göýberiş haty alnandan soń;

Hemişe gümrük kontrollygy astynda saklanýan döwründe.

Türkmenistanyń gümrük çägine wagtlaýyn getirilýän we äkidilýän harytlar we başga zatlar üçin rugsat Türkmenistanyń gümrük serhedinden olaryń göýberilen gününden beýläk bir ýyldan artyk bolmadyk möhlete berilýär.

Käbir halatlarda kärhanalaryń guramalaryń we raýatlaryń esaslandyryp ýazan arzasyna görä şol rugsady beren gümrük edarasy möhleti uzaldyp hem bilýändir.

Wagtlaýyn getirilen zatlar bellenen möhletiń içinde şol çäkden äkidilmelidir ýa-da erkin

çemeleşilmegi üçin gümrük edarasyna görkezilmelidir, soňra döwletiň eýeçiligine geçirmek üçin gümrük edarasyna berilmelidir. Eger olar önüm we material hökmünde ullanylyp bilinmejek bolsa, gümrük kontrollygy astynda ýok edilmelidir.

## § 4 . Gümrük kontrollygy we gümrük barlagy

Türkmenistanyň gümrük serhedinden harytlary we başga zatlary geçirmekde kärhanalar, guramalar we raýatlar tarapyndan gümrük düzgünlerini berjaý etmek maksady üçin gümrük kontrollygy geçirilmelidir. Gümrük kontrollygyny gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary geçirýärler, olar zerur bolan resminamalary ulag serişdelerini, harytlary, admlaryň ýanyny barlamakdan ybaratdyr hem-de gümrük serhediniň üstünden geçirilýän zatlary hasaba almak we beýleki zerur bolan görnüşlerde amala aşyrylýarlar.

Gümrük kontrollygy geçirilen mahalynda adamlaryň, haýwanlaryň jany we saglygy üçin howply bolmadyk we guramalara, kärhanalara, raýatlara zyýan etmeýän tehniki serişdeler ullanylmagydyr. Bularyň hemmesini geçirmekliginiň usuly gümrük kontrollygyň usulyýetinde bellenilýär we ol usulyýet

Türkmenistanyń gümrük gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Haýsy wagtyń içinde harytlar we başga zatlar gümrük kontrollygy astynda saklanyp bilýär.

- 1.Türkmenistanyń gümrük serhedine getirilende-getirilen wagtyndan göýberilýän wagtyna çenli;
- 2. Erkin çemeleşmek üçin Türkmenistanyń gümrük çäginden äkidilende gümrük kontrollygy üçin zerur bolan resminamalaryń görkezilen pursatyndan gümrük çäginden äkidilýän wagta çenli;
- 3.Gümrük çägine wagtlaýyn getirilende – Türkmenistanyń gümrük çägine getirilen pursatyndan äkidilýän wagtyna çenli;
- Türkmenistanyń gümrük çäginden wagtlaýyn äkidilende gümrük edarasyna harytlaryń we başga zatlaryń hem-de gümrük kontrollygyna zerur bolan resminamalaryń görkezilen pursatyndan şol harytlar yzyna getirilende gümrük serhedinden göýberilen wagtyna çenli;

- Türkmenistanyń çäginiń ustaşyr (tranzit) geçirmekden gümrük çäginiń getirilen wagtyndan äkidilýän wagtyna çenli;

Gümrük kontrollygy zolagy näme we olara haýsy gińişlikler girýärler- 37-nji madda.

- Türkmenistanyń ýanaşyk döwletler bilen döwlet serhediniń boýy bilen uzalyp gidýän çägi;
- Türkmenistanyń döwlet sehedindäki gümrük postlarynyń we göýberiş nokatlarynyń çägi;
- Türkmenistanyń gümrük serhedindäki gümrük postlarynyń çägi hem-de gümrükhana skladlarynyń çäkleri;
- Harytlaryń we başga zatlaryń gümrük kontrollygy astynda saklanmagyny amala aşyrýan kärhanalaryń hem-de guramalarynyń çägi we jaýlary;
- Gümrük kontrollygy zolagynyń serhetlerini Türkmenistanyń döwlet gümrük gullugy we araçäk kontrollygy edarasy bilen belleýärler.
- Türkmenistanyń gümrük serhedindäki gümrük postlarynda hem-de

gümrükhana skladlarynda gümrük kontrollygy zolagynyň gümrük edaralary özbaşdak belleýär;

- Gümrük kontrollygy zolagynda harytlaryń we başga zatlaryń geçirilmegine gümrük edarasynyń özi kontrollyk edýär.

Gümrük üpjünçilik belgileri nämeden ybarat - ýagny gümrük kontrollygynyń geçirilmegine degişli bolan we gümrük serhedinden göýberilen harytlaryń we başga zatlaryń saklanýan ulag serişdelerine, jaýlaryna hem-de beýleki ýerlere gümrük edarasynyń wezipeli adamsy tarapyndan möhür we beýleki gümrük üpjünçiligi belgileri goýulyp biliner.

Haýsy resminamalar gümrük üçin zerurdyr. Harytlary we başga zatlary Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden geçirýän kärhanalar, guramalar we raýatlar hem-de Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden girýänler gümrük edarasyna gümrük kontrollygy üçin zerur bolan resminamalary görkezmäge borçlydyrlar. Bu resminamalaryń sanyny we olary görkezmegiń tertibi Türkmenistanyń döwlet gümrük gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Gümrük edarasy kanunda göz öńünde tutulan halatlarda gümrük kontrollygyń çärelerini görüp biler. Gümrük kontrollygy çäreleriń ulanylmazlygy kärhanalaryń, guramalaryń we raýatlaryń kararlary hem-de başga zatlary Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden geçirmegiń tertibini berjaý etmek borçlardan boşadylandygyny ańlatmaýar.

Neşe serişdeleri we akyl-huşa täsir edýän maddalary gözegçilikli ibermek hakyndaky karary Türkmenistanyń milli howpsyzlyk ministrligi bilen Türkmenistanyń döwlet gümrük gullugy kabul edýär we ol barada olar Türkmenistanyń Baş Prokuroryny habarly etmelidirler.

## Gümrük barlagy.

Mälim bolyşy ýaly Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden zatlaryń we harytlaryń geçirilişiniń kanuna laýykdygyna, olary hasaba almak maksady ücin,
hem-de olardan gümrük töleglerini almak üçin agzalan zatlary gümrük barlagyndan geçirilmelidir. Harytlar we başga zatlar barlanan mahalynda olary geçirýän kärhananyń we guramasynyń wekili ýa-da olary saklap berýän raýatlar gümrük barlagyna gatnaşmaga haklydyrlar.

Gümrük edaralarynyń wezipeli adamsy gümrük barlagyny geçiren mahalynda raýatlaryń el goşlaryny we bagažlaryny açyp görmäge haklydyrlar. Ýöne şol işler geçirilen mahalynda raýatlaryń ýa-da ygtyýarly edilen wekilleriń gözüniń öňünde barlagdan geçirýär, aýratyn halatlarda bolsa gaýtadan barlagdan geçirilýär. Eger barlag wagtynda raýatlar we ygtyýarly edilen wekiller ýok bolsa, onda barlag şu aşakdaky halatlarda geçirilip biliner: 1) eger ýany adamsyz äkidilýän bagažda adamlaryń, haýwanlaryń jany we saglygy üçin, ösümlikleriń ýagdaýy üçin howp döredýän ýa-da raýatlara, kärhanalara, guramalara maddy zyýan ýetirip biljek zatlar bar diýip güman etmäge esas bolsa; 2) eger raýat ýa-da ygtyýarly edilen wekilleri ýany adamsyz äkidilýän bagaždaky zatlaryń gelip gowşan gününden beýläk 1 aýyń içinde gelmedik bolsa; 3) eger zatlar halkara poçta hat-habarlary bilen iberilýän bolsa.

Gümrük barlagy geçirilen mahalynda raýatlar we ygtyýarly edilen wekiller bolmasa bu iş şol zatlary daşamak ýa-da saklamak işini amala aşyrýan kärhananyń, guramanyń wekilleriniń bolmagynda geçirilýär.

Käbir adamlaryň hususy zatlary we bagažlary barlamak prosesinden boşadylýar. Mysal üçin daşary ýurtlaryń döwlet baştutanlarynyń we olaryń

wekilleriniń; Türkmenistanyń Prezidentiniń, Mejlisiniń, Ministrler Kabinetiniń çagyrmagy boýunça daşary ýurtlaryń Türkmenistana gelýän döwlet baştutanlarynyń we wekilleriniń, hökümet we parlament delegasiýalarynyń agzalarynyń we ýokarda sanalan adamlaryń maşgala agzalarynyń şeýle hem şol delegasiýasynyń tehniki işgärleriniń.

Halkara şertnamalaryna we döwletara ylalaşyklaryna laýyklykda diplomatik immunitete we artyk hukuklara eýe bolan adamlaryń hem-de şol adamlar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalary. Gümrük barlagyndan boşadylýar.

Türkmenistanyń belli-belli wezipeli adamlaryń zatlary hem gümrük barlagyndan boşadylýar. Barlagdan boşatmak meselesi we olaryń sanawy 1994-nji ýylyň iýul aýynyń 7-ne Türkmenistanyń Prezidentiniń kararynda takyk bellenýär. Olar şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar. Barlag geçirmek zerur bolan mahalynda, ol diňe şol görkezilen adamlaryń ýa-da olaryń ygtyýarly edilen wekilleriniń gatnaşmagynda geçirilýär.

## Adamyń özüni barlamak.

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 43-nji maddasynyń esasynda gümrük serhediniń üstünden gidýän gümrük kontrollygy zolagynyń ýa-da halkara halkara aeroportynyń ustaşyr zolagynda ýören adamy öz ýanynda kontrabanda zatlaryny ýa-da gümrük kontrollygyny bozmagynyń gös-göni obýekti bolup durýan, ýa-da ustaşyr geçirmek gadagan edilen beýleki zatlary ýaşyrýar diýip guman etmäge ýeterlik esas bar bolsa, adamyń özüni barlamak işi gümrük kontrollygyń aýratyn serişdesi hökmünde gümrük edaralarynyń ýolbaşçysynyń ýa-da ornuny tutýan wezipeli adamyń ýazmaça karary esasynda geçirilip bilner.

Raýatyń özi barlanyp başlanmanka gümrük edarasynyń wezipeli adamsy barlag geçirilende nähili hukuklarynyń we borçlarynyń bardygyny ońa düşündirmäge we ýaşyrylan zatlary meýletin bermegini teklip etmäge borçlydyr.

Raýatlaryń özleri barlanan mahalynda bir jynsdaky adam we şol jynsdaky 2 sany güwä geçýän adamyń gatnaşmagy hökmandyr. Ol barlag ýörite sanitariýa talabyna laýyk gelýän otagda geçirilmelidir. Beýleki adamlaryń barlag işine gatnaşmaga we syn etmäge haky ýokdyr. Adamyń endamyny dińe medisina işgärleri barlap bilýär we

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugynyň bellän görnüşinde teswirnama düzülýär.

Teswirnamany barlamaga gatnaşan gümrük edarasynyń wezipeli adamsy, barlanan adamyń özi, güwäler, medisina işgäri gatnaşan bolsa ol hem gol çekýärler. Barlanan adam şol teswirnama öz belligini ýazmaga haky bardyr.

44-nji maddanyń esasynda harby korabllary, söweş we harby ulag howa gämileri hem-de harby tehnikalar gümrük barlagyndan boşadylýarlar we olara jogap berýän adamlar (komandirler) kada - namalaryń talabyny bozan mahalynda jogapkärçilige çekilmäge degişlidirler.

## Gümrük kontrollygyny resmileşdirmek.

### § 1 . Harytlary we beýleki zatlary resmileşdirmek we deklarirlemek

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 45-nji maddasynyň esasynda harytlar we başga zatlar gümrük çägine getirilende we äkidilende hem-de Türkmenistanyň çäginiň üstünden ustaşyr daşalanda gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary tarapyndan şol zatlaryň geçirilmegini gümrük edarasynda resmileşdirilýärler.

Gümrük kontrollygy bilen bagly operasiýalary resmileşdirmek meselesiniň tertibi Türkmenistanyň gümrük kodeksyň we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary arkaly kesgitlenýär.

Gümrük kontrollygy gümrük edaralarynyň ýerleşýän ýerinde araçäk kontrollygy edarasy bilen ylalaşyp gümrük edarasy tarapyndan kesgitlenen iş wagtynda resmileşdirilmelidir, ýa-da bolmasa kärhanalaryň, guramalaryň we raýatlaryň haýyşdy boýunça gümrük kontrollygy başga ýerde we başga wagtda hem resmileşdirilip bilinýändir.

Gümrük kontrollygy haýsy dilde resmileşdirilip bilinýär diýilende onda ol mesele döwlet, rus ýa-da iňlis dilinde geçirilýär. Şeýlelikde kärhanalar, guramalar we raýatlar gümrük

eadaralaryna döwlet dilinde, rus dilinde ýa iňlis dilinde, şeýle hem gümrük hyzmatdaşlygy baradaky döwletara ylalaşyklarynda göz öňünde tutulan dillerde ýazylan zerur maglumatlary berýärler.

Gümrük edaralarynyň talap etmegine göränyň ýükleri geçirýän, kärhanalar, guramalar we raýatlar gümrük edaralarynyň talap etmeklerine görä zatlary barlagdan geçirmek üçin zerur bolan şertleri döretmäge borçlydyrlar, ýagny harytlary we başga zatlary ýüklemek, düşürmek, gaýtadan düşürmek, gaýtadan ýüklemek, gabynyň zaýalanan ýerlerini düzetmek, gaby açmak, gaplamak ýa-da täzeden gaplamak şeýlede gümrük kontrollygy resmileşdirip bolan harytlaryň we başga zatlaryň bolup bilýäjek jaýlaryny, sygymlaryny ýa-da başga ýerlerini açmakdan ybaratdyr. Agzalan işleri amala aşyrmak üçin çykan çykdaýjylary Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirýän kärhanalaryň, guramalaryň we raýatlaryň serişdeleriniň hasabyna geçirilmelidir. Haçanda gümrük kontrollygynyň resmileşdirilmegi tamamlandan soň ýokarda agzalan operasiýalary geçirmeli bolsa onda ol mesele diňe gümrük edaralarynyň ygtyýar bermegi bilen geçirilýändir.

Gümrük serhediniň üstünden geçirilýän zatlar beýleki döwlet edaralarynyň kontrollygyndan soň gümrük kontrollygy resmileşdirmelidir, ýagny

sanitariýa, weterinariýa we beýleki kontrollyklardan soň.

Harytlardan we başga zatlardan gümrük pajyny almak üçin, şeýle hem alyjylaryň bähbidini goramak üçin nusgalary almaga we olary gümrük laboratoriýalarynda analizlemäge (barlag geçirmäge) haklary bardyr.

Barlag üçin alynýan nusgalaryň möçberi ujynsyz bolmalydyr, şeýle barlag ýükleriň geçirilmegini esassyz bökdemeli däldir we barlagyň netijesi barada kärhanalara, guramalara we raýatlara habar berilmelidir.

Harytlary we başga zatlary gümrük serhediniň üstünden geçirýän kärhanalar we guramalar şol harytlaryň hakyky barlygy (möçberi) we olaryň gümrük kontrollygy üçin göz öňünde tutulan resminamalarda ozalky görkezilen maglumatlara laýyk gelýändigi hakynda, we olaryň gabynda zener ýetendigi hakynda akt düzülmelidir we olar gümrük edaralaryna bermelidirler. Öz gezeginde gümrük kontrollygyny resmileşdirmek baradaky talaplary düşündirmäge gümrük edaralary borçlydyrlar.

Harytlary we başga zatlary deklarasiýa etmek meselesi Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 53, 54, 55, 56, 57-nji maddalarynda göz öňünde tutulandyr.

Ulag serişdeleri, harytlar, walýuta, walýuta gymmatlyklary şeýle hem halkara guramalaryň daşary ýurt wekilhanalaryň emlägi gümrük edarasyna deklarirlenip görkezilýär.

Deklarirlemek Türkmenistanyň gümrük kodeksy tarapyndan kesgitlenen tertibiň berjaý edilmegi bilen, bellenilen görnüşde arza bermek arkaly geçirilýär.

Deklarantyň hukuklary we borçlary barada gürrüň edilende onda şu aşakdakylary nygtamak bolýar, ýagny ulag serişdelerini, harytlary, walýutalary, walýuta gymmatlyklaryny we beýleki zatlary, hem-de halkara guramalaryň, daşary ýurt wekilhanalaryň emlägini deklarirlemek işini gümrük serhedinden geçirýän kärhanalar, guramalar we raýatlar geçirýärler ýa-da deklarasiýa bermäge gümrük edarasy tarapyndan ygtyýar berlen beýleki kärhanalar we guramalar şertnama esasynda geçirýärler.

Deklarant öz gezeginde gümrük edaralarynyň işini düzgüleşdirýän kanunçylyk namalary we gümrük edaralarynyň wezipeli adamlarynyň kada-kanuna ters gelýän hereketleri barada şikaýat etmegiň tertibini düşündirmegi talap etmäge haky bardyr.

Deklarantyň şu aşakdaky borçlary hem bardyr:

**1).** Gümrük kontrollygy üçin we gümrük işiniň resmileşdirilmegi üçin zerur bolan maglumatlary berilmelidir;
**2).** Harytlary we başga zatlary gümrük edarasynyň talabyna görä oňa görkezilmelidir;
**3).** Gümrük pajyny (eksport üçin salgydy) we gümrük ýygymlaryny bellenen möhletde tölemäge, eger şol we beýleki zatlar paç-ýygym alynmaga degişli bolsalar.

Kärhanalara we guramalara şertnama esasynda deklerirlemäge rugsat etmek meselesi gümrük edarasyna kärhananyň we guramanyň beren arzasyna görä, olara şertnama esasynda deklarirlemäge rugsat berýär. Egerde kärhana ýa-da gurama gümrük edarasynyň çäginde ýerleşen bolsa onda ol arzalara 15 güniň içinde seredilmelidir.

Şoňa göräde gümrük edaralary kärhanalardan şeýle hem banklardan, maliýe guramalaryndan gerek bolan maglumatlary sorap almaga haky bardyr. Arzalara garanagyň umumy möhleti 2 aýdan artyk geçmeli däldir.

Eger kärhanalar we guramalar deklarasiýany ykrar etmek hakyndaky karary kabul edileninden soň, alty aýyň içinde şahadatnamalaryny alyp gitmedik bolsa, şeýle hem eger şahadatnama alandan soň bir ýyllap deklarasiýanyň wezipesi

amala aşyrylmadyk bolsa, onda deklaranty ykrar etmek baradaky şahadatnama öz güýjini ýitirýär.

Deklarant hukuklaryny ykrar etmek hakyndaky şahadatnamany beren gümrük edarasynyň özi aşakdaky halatlarda ýatyrmaga hem haky bardyr:

1. Eger deklarant hukuklaryny ykrar etmek hakyndaky karar ýalan maglumatlaryň esasynda kabul edilendigi ýüze çykarylan bolsa;
2. Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň we beýleki namalaryň bozulandygyna ýol berlen bolsa;
3. Eger beýleki kärhanalaryň, guramalaryň we raýatlaryň bähbitlerini bozýan ýa-da Türkmenistanyň bähbidlerine zyýan ýetirýän gaýry hereketler edilen bolsa.

Deklaranty ykrar etmek hakyndaky gaýtadan berlen arza düzgün bozulmalaryň sebäplei aradan aýrylandan soň, ýöne şahadatnamanyň ýatyrylan pursatyndan bir ýyldan az bolmadyk wagtda garalýar.

Ulag serişdelerini, harytlary, şeýle hem halkara guramalaryň we daşary ýurt wekilhanalarynyň zatlaryny deklarirlemek işini deklarantyň wekili bolup gatnaşýan adamyň özi amala aşyrýar.

Wekile berlen ygtyýarlar deklarantyň hukuklaryny we borçlaryny doly derejede durmuşa geçirip bolar ýaly bolmalydyr.

Gümrük edaralary bolsa wekilden onuň ygtyýarlaryny tassyklaýan resminamalaryň görkezilmegini talap etmäge haky bardyr.

Eger-de wekil deklarantyň işlerini ýerine ýetiren mahalynda dowam edip gelýän kadalary gaýtadan bozsa onda deklaranta wekiliň ygtyýarlaryny onuň üstünden aýyrmagyny teklip etmäge haky bardyr.

## § 2 . Gümrük edaralarynyň arasynda harytlary we beýleki zatlary daşamaklygyň düzgünleri

Haçanda harytlary we başga zatlary gümrük taýdan resmileşdirmek işleri tamamlanmadyk bolsa, şeýlede Türkmenistanyň üstünden ustaşyr geçirilýän zatlar bir gümrük edarasyndan başga bir gümrük edarasyna äkitmek zerur bolan halatynda olary äkitmek, daşamak işini şol harytlary daşamaga kabul edýän we doly jogapkärçiligi öz üstüne alýan kärhanalar, guramalar ýa-da raýatlar amala aşyrylýarlar, şeýle ýüki daşamak üçin harytlaryň we başga zatlaryň bahalaryny eýeleri töleýärler.

Zat daşaýanlaryň zatlary daşamaga eltmezlige aşakdaky halatlarda haklary bardyr:

**1).** Haçanda gümrük kontrollygynyň resminamalaryny we ulag serişdeleriň resminamalarynyň kanunyň bozulmagy esasynda resmileşdirilen bolsa;

**2).** Haçanda ulag serişdelerine, harytlaryň we başga zatlaryň gabyna goýlan gümrük üpjünçiligi belgiler we ol belgilere zeper ýetirmezden şol daşalýan harytlaryň we başga zatlaryň ýanyna barmak mümkinçiligini aradan aýyrmaýan bolsa.

Harytlary we başga zatlary daşamaga kabul eden adam (daşaýjy) we olara degişli resminamalary gümrük edarasynyň – zat iberijiniň bellän möhletde, ýagny ýük eltmegiň umumy kabul edilen möhletine laýyklykda hem-de ulagyň görnüşleriniň ugurlarynyň aýratynlyklarynyň we zat daşamagyň beýleki işleriniň nazarda tutulmagy bilen bellenen möhletde gümrük edarasyna eltmäge borçlydyr.

Eger-de zat daşaýjy zady, alýan gümrük edarasyna baryp bilmedik ýagdaýynda nähili çäreler görýär diýenimizde onda zat daşaýjy ulag serişdesiniň awariýa uçramagy sebäpli ýa-da oňüni alyp bolmajak güýje sezewar bolmagy zerarly zady alyjy gümrük edarasyna baryp bilmedik bolsa, onuň şol harytlary – zatlary başga ýerde düşürilmegine

ýol berilýär, ýöne şunda ol gümrük kontrollygyny resmileşdirmek üçin şol zatlaryň abat saklanmagyny üpjün edýän çäreleri görmelidir.

Şeýle ýagdaýda zat daşaýjy gümrük edarasynyň wezipeli adamsyny şol harytlaryň we zatlaryň düşürilen ýerine getirmäge ýa-da gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerine eltilmegini üpjün etmäge borçludyr.

Eger zat daşaýjy harytlaryň we başga zatlaryň ol zady alýan gümrük edarasyna eltmekligi üpjün edip bilmese, şeýle hem zatlary gümrük edaralarynyň arasynda daşalýanka ýitirilen, ýa-da berlen bolsa, eger şunda harytlaryň we zatlaryň ýitirilmegine ýa-da berilmegine ulag serişdeleriň awariýa uçramagy ýa-da öňüni alyp bolmajak güýje sezewar bolunmagy sebäp bolmadyk bolsa, zat daşaýjy gümrük pajyny we ýygymlaryny tölemelidir, ol tölegler bolsa harytlary we başga zatlary daşamak üçin bellenilen tertibiň berjaý edilmegi arkaly kesgitlenilen möçberde tölenmelidir.

## § 3 . Gümrük kontrollygynyň astynda harytlary we başga zatlary saklamaklygyň düzgünleri

Gümrük kontrollygy astynda saklanýan harytlar we başga zatlar Türkmenistanyň gümrük serhediniň üstünden gümrük taýdan doly gutarnykly resmileşdirmäge gümrük edarasy, kärhana ýa-da gurama tarapyndan saklanýar.

Öz gezeginde kärhanalar we guramalar zatlary gümrük edarasynyň rugsat etmegi bilen hem-de şonuň kontrollygy astynda saklanýar. Şeýlelikde, şu aşakdaky harytlar we başga zatlar diňe gümrük edarasynda saklanylmalydyr:

- Bellenen gadaganlyklara we çäklendirmelere laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çägine getirmek üçin rugsat berilmedik ýa-da şolaryň tranzit (ustaşyr) bellenilen gadaganlyklara we çäklendirilmelere laýyklykda Türkmenistanyň gümrük çäginiň üstünden ustaşyr geçirmek gadagan edilen harytlar we beýleki zatlar-eger olar getirilen güni äkidilmedik bolsa;
- Gümrük pajy we ýygymlary tölenilmedik harytlar hem-de başga zatlar – eger Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna bellenen tertipde olary tölemek gaýra goýulan

bolsa ýa-da olary böleklere bölüp tölemäge ygtyýar edilmedik bolsa;

- Gümrük edarasyna saklamak üçin berlen harytlar we başga zatlar.

Gümrük edarasyna saklamak üçin berlen walýuta gymmatlyklary Türkmenistanyň Merkezi Bankynda deponirlenmäge degişlidir (62-nji madda).

Haýsy möhletiň içinde harytlary we beýleki zatlary gümrük gözegçiligi astynda saklamaly, ýagny olar bir aýdan artyk bolmaly däldir, ýöne saklamagyň möhleti, çäkli bolan harytlar we beýleki zatlar muňa girmeýärler, olar üç günden artyk saklanylmaýar.

Eger-de ol harytlar we başga zatlar görkezilen möhletde talap edilip alynmadyk bolsa, onda olar eýesiz hasap edilýär we döwletiň hasabyna geçirilýär.

Gümrük kontrollygynda saklamak bilen bagly bolan harajatlary kanunda göz öňünde tutulan tertipde kärhanalar we guramalar töleýärler.

Haçanda harytlary we beýleki zatlary kärhanalar we guramalar tarapyndan saklananda gümrük kontrollygyny we gümrük edarasynyň beýleki kontrolçylyk operasiýalaryny geçirmegiň daşyndan şol harytlara we beýleki zatlara

inwentarizasiýa geçirmäge hem haky bardyr (65-nji madda).

Nähili ýagdaýda gümrük kontrollygynda duran zatlary bermeli, ýagny kärhananyň we guramanyň gümrük kontrollygy astynda saklaýan harytlary we beýleki zatlary diňe gümrük edarasynyň rugsat etmegi bilen berlip bilner eger harytlar we başga zatlar gümrük organyndan rugsatsyz berlen bolsa, onda şol kärhana ýa-da gurama gümrük pajyny we ýygymlaryny tölemelidir, özem şol harytlar we zatlar başga ýere äkidilende bellenen tertipde näçe tölemeli bolýan bolsa, şonça-da tölenilmelidir.

Kärhanalaryň we guramalaryň hem gümrük edarasynyň saklan harytlary we beýleki zatlary belli bir adama hem iberilip biliner, ýagny şol zatlaryň eýesi bolmak ýa-da şolara eýelik etmek hukugy şol saklanylýan möhletiň dowamynda özüne geçen adama berlip bilner (66-njy madda).

# Gümrük kadalarynyň bozulmagy we olar üçin bellenen jogapkärçilik

## § 1. Gümrük kadalarynyň bozulmagynyň görnüşleri we olar üçin bellenýän jogapkärçilik

Türkmenistanyň Gümrük kodeksiniň 76-njy maddasynda bellenilişi ýaly gümrük kadalarynyň bozulmagy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Gümrük kontrollygynda durýan gämä beýleki gämilere we gaýry ýüzüji serişdelere Türkmenistanyň gümrük edarasyndan birugsat ýakalyn ýakynlaşmagy;
- Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamsynyň gümrük kontrollygyny amala aşyrmagy üçin kontrollyk astynda durýan harytlaryň we başga zatlaryň ýanyna barmagyna, şeýle hem gümrük kontrollygy üçin zerur bolan resminamalaryny görmegine päsgel berilmegi;
- Bellenen tertipde hem-de möhlete laýyklykda gümrük deklarasiýasynyň ýa-da harytlar we zatlar baradaky zerur resminamalaryň gümrük edarasyna getirilmezligi;

- Gümrük kontrollygy astynda durýan zatlaryň we harytlaryň bellenilen tertipde we beýleki möhletde hem-de bellenilen gümrük edarasyna getirilmezligi;
- Harytlaryň we zatlaryň gümrük edarasyna boşatmak üçin kabul edilen gümrük resminamalarynyň we beýleki resminamalaryň getirilmezligi;
- Bir meňzeş nyşanlaryň, möhürleriň gümrük edarasy tarapyndan goýlan başga gümrük üpjünçiligi belgileriniň zaýalanmagy ýa-da ýitirilmegi;
- Gümrük kontrollygy astynda durýan harytlaryň we başga zatlaryň gümrük edarasyndan birugsat, ýüklenmegi, düşürilmegi gaýtadan ýüklenmegi, düşürilmegi, zaýalanan ýerleriniň düzelmegi, gaplaryň açylmagy, täzeden gaplanmagy, ýa-da harytlary we zatlary daşamak üçin kabul edilmegi;
- Gümrük kontrollygynda durýan harytlaryň we başga zatlaryň gümrük edarasyndan bir rugsat berilmegi ýa-da olaryň ýitirilmegi;
- Yzyna äkitmek borjy bilen Türkmenistanyň gümrük çägine getirilen harytlaryň we başga zatlaryň gümrük serhediniň çäklerinden daşary äkidilmezligi ýa-da yzyna äkitmek

borjy bilen daşary ýurtda wagtlaýyn äkidilen harytlaryň gümrük territoriýasyna şol borçnamalarda bellenilen möhletde gaýtaryp getirilmezligi;

- Harytlaryň, zatlaryň we ulag serişdeleriň Türkmenistanyň gümrük serhediniň üstünden geçirilmegi;
- Harytlaryň we beýleki zatlaryň, ulag serişdeleriň gümrük gözegçiliginde sowlup gümrük serhedinden geçirilmegi;
- Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň we beýleki zatlaryň gümrük gözegçiliginden ýaşyrylmagy;
- Resminamalary ýa-da gümrük üpjünçiligi belgilerini aldaw bilen ulanmak arkaly harytlary we beýleki zatlary Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmek;
- Harytlar we beýleki zatlar barada dogry maglumatlaryň görkezilmezligi (olaryň deklarirlenmezligi) ýa-da olaryň başga namalar bilen görkezmegi (deklarirlenmegi);
- Türkmenistana getirmegi we daşary ýurda äkidilmegi gadagan edilen zatlaryň halkara poçta arkaly iberilmegi;
- Gümrük pajyny we salgytlaryny salmak barada gümrük ýeňillikleri berlen harytlaryň

we zatlaryň gümrük edarasyndan birugsat başga maksatlar üçin peýdalanylmagy;
- Gümrük tölegleriniň ýygnalmagyna garşy gönükdirilen hereketler;
- Gümrük edarasynyň wezipeli adamlaryny masgaralamak.

## § 2 . Gümrük çygryndaky jenaýatlar üçin jogapkärçilik

Ýokarda agzalan gümrük kadalaryny bozan adam kanunda bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilmäge degişlidir.

Eger-de gümrük kadalarynyň bozulan pursatynda raýatlaryň 16 ýaşy dolan bolsa, onda olary jogapkärçiligiň subýektleri diýip hasaplamak bolýar. Ýöne ýene-de bir zady bellemek örän wajyp bolup durýar, ýagny wezipeli adamlar gümrük kodekisde bellenen talaplaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek işi öz gulluk borjyna girýän bolsa, olar şu halatlarda gümrük kadalaryny bozan diýip hasaplanýar we jogapkärçilige çekilmäge degişli bolýar.

Gümrük kadalarynyň bozulandygy hakyndaky işlere kimleriň garamaga haky bar diýilende, onda ol sowala jogap edip gümrük kodeksiniň 78-nji

maddasyny görkezmek bolar. Bu ýerde şeýle diýilýär, ýagny gümrük hakyndaky kanunlaryň bozulmagy baradaky işlere Türkmenistanyň gümrük edaralary we kazyýet garaýar diýilip nygtalýar.

Umumy düzgün boýunça gümrük düzgün bozulmalaryna bellenýän jogapkärçilik dürli hukuk pudaklary bilen kadalaşdyrylýar. Gümrük işine garşy dürli derejede agyrlygy boýunça etmişler tapawutlandyrylýar, mysal üçin, jenaýat we etmiş, ony tapawutlandyrmagyň alamaty bolsa düzgün bozulmanyň ýetiren zyýany bilen kesgitlenýär.

Jemgyýet üçin howply bolan hukuk bozulma jenaýat diýilýär, oňa bolan jogapkärçilige bolsa jenaýat jogapkärçiligi diýilýär we jenaýat kanunçylygy bilen kadalaşdyrylýar. Ol jenaýatlara Kontrabanda diýilýär (254-nji madda JK).

Türkmenistanyň gümrük edaralary kontrabanda hakyndaky işler boýunça deslapky derňewi geçirýärler.

Türkmenistanyň jenaýat kodeksiniň 254-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň gümrük araçäginden geçirmegiň ýörite düzgünleri bellenilen harytlaryň ýa-da başga predmetleriň Türkmenistanyň gümrük araçäginden uly möçberde geçirilmegi, şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen harytlar we predmetler muňa girmeýärler, harytlaryň gümrük

kontrollygyndan rugsatsyz ýa-da ondan gizläp geçirilmegi ýa-da dokumentleriň ýa-da serişdeleriň gümrük barabarlygynyň aldaw bilen peýdalanmak arkaly ýa-da harytlary deklarasiýa etmän ýa-da olary nädogry deklarasiýa etmek bilen baglanyşyklylykda kontrabanda edilmegi.

Zähmete hak tölemegiń ortaça aýlyk möçberiniń ýigrimi bäşisinden ellisine çenli bolan möçberde jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli düzediş işlerinde işletmek jezasy berilýär, ýa-da emlägiń konfiskasiýalap ýa-da konfiskasiýalaman üç ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Şu maddanyń birinji böleginde göz öńünde tutulan hereket şeýle ýagdaýda amala aşyrylanda:

(a) gaýtadan ;
(b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryń topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan;
(c) gümrük kontrollygyny amala aşyrmak üçin adama zorluk ulanmak arkaly edilen bolsa, iki ýyldan bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Türkmenistanyń gümrük araçäginden narkotiki serişdeleriń, psihotropiýa, güýçli täsir ediji, zäherli, awuly, radioaktiw ýa-da partlaýjy jisimleriń, ýaraglaryń, ýaryjy gurallaryń, ok atýan

ýaragyń ýa-da ok-därileriń, ýadro himiki, biologik we köpçülikleýin gyryş ýaraglaryń beýleki görnüşleriń we Türkmenistanyń gümrük araçäginden geçirmegiń ýörite düzgünleri bellenilen köpçülikleýin gyryş ýaraglary döredilýän mahalynda peýdalanylyp bilinjek materiallaryń we enjamlaryń, Türkmenistanyń gümrük araçäginde geçirmegiń ýörite düzgünleri bellenilen strategik möhüm çig mal harytlarynyń medeni gymmatlyklaryń geçirilmegi, eger bu hereket gümrük kontrollygyndan rugsatsyz ýa-da ondan gizlinlikde geçirilen bolsa ýa-da gümrük barabarlygynyń resminamalaryny ýa-da serişdelerini aldaw ýoly bilen peýdalanmak arkaly ýa-da harytlary deklarasiýa etmän ýa-da olary nädogry deklarasiýa etmek bilen baglanşyklylykda amala aşyrylsa, emlägini konfikasiýalap ýa-da konfiskasiýalaman üç ýyldan sekiz ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Şu maddanyń üçünji böleginde göz öńünde tutulan hereket şeýle ýagdaýda amala aşyrylanda:

a) gaýtadan;
b) deslapdan dilleşmek boýunça adamlaryń topary tarapyndan ýa-da guramaçylykly topar tarapyndan;
c) öz gulluk ýagdaýyny peýdalanan wezipeli adam tarapyndan ýa-da gümrük

kontrollygyndan boşadylan adam tarapyndan;

d) gümrük kontrollygyny berjaý edýän adama zorluk ulanmak bilen edilen bolsa, emlägini konfiskasiýalap ýa-da konfiskasiýalaman bäş ýyldan on ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

**Bellik:**

Şu maddanyń birinji böleginde göz öńünde tutulan hereketler, eger araçäkden geçirilen harytlaryń gymmaty zähmete hak tölemegiń ortaça aýlyk möçberini otuzysyndan agdyk gelýän bolsa, uly möçberde amala aşyrylan diýlip hasap edilýär.

# Gümrük düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işlere garamaga taýýarlyk

## § 1 . Gümrük düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işlere garamaga taýýarlyk

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi özüniň ýöretmegine alan Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň, şeýle hem şonuň ýaly işe garaýan edaranyň (wezipeli adamyň) işiň düýp mazmuny barada adamlardan sorag etmäge haky bardyr.

Soraşylan adamlar gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işe degişli bilýän ähli zatlaryny aýtmalydyrlar.

Adamlardan sorag edilişi barada Türkmenistanyň döwlet gullugy tarapyndan bellenen formada teswirnama düzülýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagynyň öňüni almak, şeýle düzgün bozuş edilende öz ýerinde teswirnama düzmek mümkin bolmadyk halatlarda teswirnama düzmek, işiň öz wagtynda we dogry seredilmegini hem-de şol iş boýunça çykarylan kararyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, düzgüni bozan raýatyň üç sagada çenli möhlet bilen dolandyryş taýdan tutulyp saklanmagyna ýol berilýär.

Gümrük kadalaryny bozan adamy dolandyryş taýdan tutup saklamak işini gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň ornuny tutýan adamyň karary esasynda Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary amala aşyrýarlar.

Dolandyryş taýdan tutup saklamagyň möhleti adamyň teswirnama düzmek üçin getirilen pursatyndan hasaplanylýar.

Adamyň dolandyryş taýdan tutulyp saklanmagy hakynda Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen formada teswirnama düzülýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi özüniň ýöretmegine alan Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamy işe garamak üçin zerur bolan resminamalary talap edip alyp biler.

Resminama ibermek talap edilen adam bäş günden gijä goýman, resminamalary Türkmenistanyň gümrük edarasynyň şolary talap edýän wezipeli adamyna ibermäge borçludyr.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary kärhanalaryň we guramalaryň territoriýasynda ýa-da otaglarynda, ýa olaryň özüne degişli ulag serişdelerinde gümrük kadalaryny bozmagyň gönüden-güni obýektleri bolup durýan zatlar, ýa-da ýörite ýaşyryn ýerli ýasalyp, onda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmek üçin

peýdalanýan ýaşyrylgy zatlar bar diýip guman etmäge ýeterlik esas bolan mahalynda, gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işe garamak üçin zerur resminamalar bar bolanda şeýle territoriýalar, otaglar ýa-da ulag serişdeleri gözden geçirilýär.

Gümrük gözden geçirilişi şu maddanyň birinji böleginde görkezilen kärhanalaryň we guramalaryň wezipeli adamlarynyň gatnaşmagynda geçirilýär.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň wezipeli adamlarynyň gümrük gözden geçirilişe spesialistleri gatnaşdyrmaga haky bardyr.

Gümrük gözden geçirilişi hakynda Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasy tarapyndan bellenilýän formada teswirnama düzülýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi özüniň ýöretmegine alan Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň karary esasynda, şol düzgüni bozan adama, şeýle hem şaýada zatlar ýa-da resminamalar tanamak üçin görkezilip bilner.

Zatlary we resminamalary tanajak bolýan adamdan şu maddanyň birinji böleginde agzalan şol zatlary we resminamalary onuň haýsy ýagdaýlarda görendigi – syn edendigi hakynda hem-de onuň şolary haýsy alamatlary boýunça tanap biljekdigi hakynda deslap soraşylyp görülýär.

Zatlar we resminamalar birkysymdaş zatlaryň we resminamalaryň toparynda görkezilýär.

Tanamak işi güwäleriň gatnaşmagynda geçirilýär.

Zatlaryň we resminamalaryň tanamak üçin görkezilmegi barada Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasy tarapyndan bellenýän formada teswirnama düzülýär.

## §2. Gümrük düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işi ýöretmäge gatnaşýan adamlar

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky iş ýöredilende ýörite düşünjeleriň gerekligi ýüze çykanda, seljeriş bellenýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi özüniň ýöretmegine alyp, şol işe garaýan Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň seljeriş bellemek hakyndaky karary şol karar esasynda seljeriş etmek tabşyrylan bilermen üçin ýa-da bilermen bellemek hakyndaky karar özüne iberilen kärhananyň we guramanyň wezipeli adamy üçin hökmanydyr.

Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamy kärhana ýa-da gurama tarapyndan gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi ýöredýän mahalynda, Türkmenistanyň gümrük edarasynyň

ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary kärhananyň ýa-da guramanyň gümrük kadalaryny bozmak bilen baglanyşykly işi barada barlag geçirmäge haklydyr.

Barlagyň netijesi barlagyň gutaran gününden beýläk üç günüň içinde kärhana ýa-da gurama habar edilýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky iş baradaky materiallar diňe gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň rugsat bermegi boýunça, şol işe seredilmezden ozal aýan edilip bilner.

Eger gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi garamak üçin taýýarlamagyň barşynda:

- düzgün bozmak hadysasynyň bolmanlygy;
- adamyň eden hereketlerinde düzgün bozma sostawyň ýoklugy;
- gümrük kadalaryny bozan adamyň ölenligi anyklanan bolsa, onda gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işiň ýöredilmegi şeýle iş Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamynyň garamagy üçin berilmezden ozal ýatyrylmalydyr.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işleriň ýöredilmegi şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlarda ýatyrylýanlygy hakynda

Türkmenistanyň gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary karar çykarýar, şol kararda bolsa işiň düýp mazmuny, şeýle işi ýöretmegi ýatyrmak üçin nämäniň esas bolýandygy hem-de elden alnan zatlary gaýtaryp bermek hakyndaky çözgüt beýan edilýär.

Işiň ýöredilmegini ýatyrmak hakyndaky kararyň nusgasy (kopiýasy) özi barada iş ýöredilen adama ýa-da beýleki dahylly adamlara şol kararyň çykarylan gününden beýläk üç günüň içinde gowşurylýar ýa iberilýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi özüniň ýöretmegine alan Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamy işi garamak üçin taýýarlamagy gutarandan soň, materiallary şol edaranyň ýolbaşçysyna ýa-da onuň orunbasaryna berýär.

Türkmenistanyň dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunlarynda göz öňünde tutulan gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işlere degişli materiallar Türkmenistanyň gümrük edarasynyň ýolbaşçysynyň ýa-da onuň orunbasarynyň karary esasynda suda berilýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işe Türkmenistanyň haýsy gümrük edarasynyň wezipeli adamy işi özüniň ýöretmegine alan bolsa,

oňa şol gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerinde garalýar.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işe wezipeli adam işi çözmek üçin zerur bolan materiallary alan gününden beýläk on bäş günüň içinde garaýar.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işe dolandyryş jogapkärçilige çekilýän adamyň gatnaşmagynda garalýar.

Dolandyryş jogapkärçilige çekilýän adam gelmedik mahalynda, işe diňe aşakdaky halatlarda garalyp bilner:

- işe haýsy ýerde we haýsy wagtda garaljakdygy hakynda öz wagtynda şol adama habar berlendigi, ýöne ondan işe garamagy gaýra süýşürmek barada haýyşnama gelmändigi hakynda maglumatlar bar bolsa;
- işe seredilýän wagtynda şol adam Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýörenligi hakynda maglumat bar bolsa;
- gümrük kadalaryny bozan adamyň kimdigi anyklanmadyk bolsa;
- gümrük kadalary zatlaryň halkara poçta hat – habarlarynda iberilmegi arkaly bozulan bolsa.

## Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işleri ýöretmek

### §1. Esasy düzgünler. Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakynda teswirnama. Gümrük düzgünini bozmagyň obýekti bolan zatlary we resminamalaryny almak.

Türkmenistanyň gümrük kadalaryna laýyklykda gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işler şol kadanyň kada esasynda çözülmelidir, haçanda gümrük kodeksi bilen kadalaşdyrylmaýan işleriň ýüze çykýan ýagdaýynda onda ol işler Türkmenistanyň beýleki kanunlaryna degişli kadalaryň esasynda çözülmelidir.

Her bir gümrük kadasynyň bozulmagy barada aýratyn teswirnama düzülmelidir, ol teswirnamany gümrük edarasynyň degişli wezipeli adamsy bellenen formada düzmelidir. Teswirnamada onuň düzülen güni we ýeri, ony düzen adamyň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady, eger anyklanmadyk bolsa gümrük düzgünini bozanlygy hakyndaky maglumatlar, gümrük kadalarynyň bozulan ýeri, wagty we onuň esasy mazmuny, ol kada bozulma

üçin jogapkärçiligi belleýän kada nama, şaýatlaryň familiýalary we ýaşaýan ýerleri, düzgüni bozan adamyň düşündirişi, düzgüni bozan adamyň elinden alnan zatlar we resminamalar hakyndaky maglumatlar we işe zerur bolan beýleki maglumatlar görkezilmelidir.

Teswirnama düzülip gutarandan soň ony düzen gümrük edaranyň wezipeli adamsy, şeýle hem gümrük düzgünini bozan adam (eger ol belli bolsa) gol çekmelidirler. Eger şaýatlar bar bolsa, onda olar hem gol çekip bilerler.

Haçanda düzgüni bozujy teswirnama gol çekmeden boýun gaçyrsa, onda hökmany suratda teswirnamada bellik edilmelidir, şeýle hem gümrük kadalaryny bozan adamyň düşündiriş bermäge, teswirnamanyň düýp mazmuny barada belliklerini bermäge we teswirnama gol çekmekden näme sebäpli boýun gaçyrýandygy delillendirmäge haky bardyr. Ol zatlary düzgüni bozan adam ýokardaky özüniň delliklerini öz eli bilen ýazan haty teswirnamaň ýanyna çätylmalydyr. Teswirnama düzülen mahalynda düzgüni bozan adama onuň nähili hukuklarynyň bardygy düşündirilmelidir we bu barada teswirnama bellik edilmelidir.

Teswirnamany we düzgüni bozan adamyň elinden alnan zatlary we resminamalary şol işi ýöredýän gümrük edarasynyň wezipeli adamsy

Türkmenistanyň gümrük edarasyna bermelidir. Teswirnamaň nusgasy bolsa düzgüni bozan adama gol çekdirilip oňa gowşurylýar ýa-da bolmasa iberilýär.

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 97-nji maddasyna laýyklykda düzgün bozmanyň obýekti bolan zatlary we resminamalary günäkäriň elinden alynmalydyr. Mysal üçin, gümrük kadalaryny bozmagyň gönüden – göni obýektleri bolup durýan zatlar, ýörite ýaşyryp gümrük serhedinden geçirmek üçin peýdalanylýan ýaşyrylygy zatlar hem-de Türkmenistanyň dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunlaryň talaplaryna laýyklykda şol işe garamak üçin zerur bolan predmetler elden alynýar.

Haçanda düzgüni bozan adam Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan bolsa, onda onuň zatlarynyň jerime salmak üçin zerur bolan möçberde, ýa-da zatlaryň gymmaty möçberinde elinden alynmalydyr. Ol zatlar we resminamalar düzülen teswirnamada ýa-da onuň ýanyna goşulýan sanaw ýazgysyna görkezilmelidir, olaryň mukdary, ölçegi, agramy we aýratyn alamatlary, zatlaryň gymmaty doly görkezilmelidir.

Elden alnan zatlary we resminamalary hasaba almak, olara nyrh kesmek, olary saklamak işleri Türkmenistanyň Döwlet Gümrük gullygy,

ykdysadyýet we maliýe ministrligi bilen ylalaşyp tassyklanan kararlary esasynda geçirilýär.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işi özüniň ýöretmegine alan wezipeli adamsynyň çykaran karary esasynda, hem-de düzgüni bozan adama we şaýada alnan zatlar we resminamalar görkezilip biliner. Olary tanajak bolýan adamdan zatlary we resminamalary haýsy ýagdaýda görendigi hakynda we olary haýsy alamatlary boýunça tanap biljekdigi hakynda deslap soraşylyp görülmelidir.

Tanaljak bolynýan zatlar we resminamalar bir kysymdaş zatlaryň we resminamalaryň toparynda görkezilýär, tanamak işi hakyndaky güwäleriň gatnaşmagynda geçirilmelidir we ýörite Türkmenistanyň Döwlet Gümrük gullygy tarapyndan kesgitlenen görnüşde teswirnama düzülmelidir. Ýene-de bir zady bellemek zerurdyr, ýagny gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky iş ýöredilende ýörite düşünjeleriň gerekligi hökman bolanda seljerme bellenmelidir we ol barada gümrük edarasynyň şol işi üstüne alan wezipeli adamsy karar çykarýar we ol karar kime iberilen bolsa ona seredip netije bermek hökmanydyr.

## §2. Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işlere garamak

Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işiň ýöredilmegini üpjün etmek üçin birnäçe meseleleriň çözülmegi zerurdyr. Ýagny haçanda gümrük düzgünleriniň bozulmagy hakyndaky işe garamak üçin taýýarlygyň barşynda şu aşakdaky ýagdaýlaryň anyklanmagy hökmanydyr: düzgüni bozmak hadysasynyň bolmazlygy; düzgüni bozujynyň hereketinde düzgün bozmanyň düzüminiň ýoklygy; düzgüni bozan adamynyň ölenligi belli bolsa onda ol işler garalmaga başlanmaka ýatyrylmaga degişlidir. Ol barada bolsa Türkmenistanyň gümrük edarasynyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary karar çykarýar, ol kararda işiň düýp mazmuny, ol işi ýatyrmak üçin nämäniň esas bolýandygy we elden alnan zatlaryň gaýtarylyp berilmegi barada çözgüt çykarýar. Kararyň nusgasy özi barada iş ýöredilen adama we beýleki dahylly adamlara şol kararyň çykarylan gününden beýläk üç güniň dowamynda gowşyrylmalydyr ýa-da iberilmelidir.

Gümrük edarasynyň boýunça ähli materiallary taýarlap gutaranyndan soň materiallary gümrük

edarasynyň naçalnigine ýa-da onuň orunbasaryna berýär we olar Türkmenistanyň dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kanunlarynda göz öňünde tutulan gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işlere degişli materiallar gümrük edarasynyň naçalniginiň ýa-da onuň orunbasarynyň karary esasynda kazyýete berilýär.

Işiň garalýan ýeri barada aýdylanda onda ol işi haýsy gümrük edarasynyň wezipeli adamsy öz üstüne alan bolsa, onda şol gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerinde seredilýär we işe garaýan wezipeli adam işe zerur bolan materiallary alan gününden beýläk 15 günüň içinde seretmelidir.

Işe garalanda dolandyryş jogapkärçiligine çekilýän adamyň gatnaşmagy zerurdyr, ýöne onuň gelmedik ýagdaýynda işe diňe aşakdaky halatlarda seredilip bilner:

- işe haýsy ýerde we haýsy wagtda garaljakdygy hakynda öz wagtynda şol adama habar berlendigi, ýöne ondan hiç hili işi gaýra goýmak barada haýyşnama ýokdygy hakynda maglumat bar bolsa;
- işe garalýan wagtynda günäkäriň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýörenligi hakynda maglumat bar bolsa;
- düzgüni bozan adamyň kimdigi anyklanmadyk bolsa;

- gümrük düzgünleri zatlaryň halkara poçta hat – habarlar bilen iberilmegi bilen bagly bolsa.

Näçe möhletiň içinde dolandyryş temmileri bellenilip bilinýär diýilende onda raýatlaryň etmişi üçin duýdyryş bermek ýa-da jerime salmak görnüşlerindäki dolandyryş temmiler düzgüniň bozulan gününden beýläk iki aýdan gijä goýman, kärhanalara we guramalara bolsa – alty aýdan gijä goýulman bellenip bilner. Haçanda düzgüni bolmazlyk kontrabanda bilen bagly bolsa, onda bir aýyň dowamynda seredilmelidir, eger jenaýatyň ýatyrylmagy bilen bagly bolan halatynda.

Gümrük kadalarynyň bozulmagy bilen baglanyşykly dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky işlere seretmek hakyndaky karar barada aýdylanda onda işe garalyp gutarylandan soň aşakdaky kararlaryň biri çykarylyp bilner:

- dolandyryş temmi bermek hakynda;
- işiň ýöredilmegini ýatyrmak hakynda;
- jenaýat işini gozgamak we kontrabanda hakyndaky iş boýunça doznaniýe geçirmek hakynda.

Çykarylan kararda gümrük edarasynyň ady, işe garalan güni, özi barada işe garalan adam eger ol belli bolsa, ol hakyndaky maglumatlar, anyklanylan ýagdaýlaryň beýany, jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kada nama, çykarylan çözgüt, karar barada şikaýat etmegiň möhleti hem tertibi görkezilmelidir.

Kararyň nusgasy onuň kabul edilen gününden beýläk üç günüň içinde, kim barada karar çykarylan bolsa, şoňa gowşyrylýar ýa-da iberilýär.

Eger-de günäkär anyklanmadyk bolsa onda Türkmenistanyň döwlet gümrük gullygy dahylly guramalara ýa-da adamlara şol iş boýunça kabul edilen karar barada kesgitlenen tertipde habar bermelidir.

Haçanda gümrük düzgünleri ujypsyz derejede bozulan bolsa gümrük edarasynyň işe garaýan wezipeli adamsy hukuk bozyjyny dolandyryş jogapkärçiliginden boşadyp oňa dilden tabşyryk berip bilýändir.

# Gümrük edarasynyň kararlary barada şikaýat etmek we temmi bermek hakyndaky karary ýerine ýetirmek

## §1 . Gümrük edarasynyň kararlary barada şikaýat etmek

Adama dolandyryş temmi bermek hakyndaky çykarylan karar barada şikaýat etmek.

Türkmenistanyň gümrük edarasynyň dolandyryş temmi bermek hakyndaky karary baradaky şikaýat Türkmenistanyň döwlet gümrük gullygyna ýa-da degişli gümrük edarasynyň ýerleşýän ýerindäki kazyýete 10 günüň dowamynda berilmelidir. Kazyýetiň çykaran karary gutarnyklydyr.

Kanunda görkezilen möhlet ýerlikli sebäplere görä başga wagta geçirilen mahalynda, şol möhlet özi barada karar çykarylan adamyň arzasy boýunça degişli suratda Türkmenistanyň döwlet gümrük gullygy ýa-da kazyýet tarapyndan dikeldilip bilner.

Türkmenistanyň döwlet gümrük gullygy berlen şikaýat sebäpli ýa-da prokuroryň bildiren garşylyknamasy sebäpli, şeýle hem gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işler ýöredilende Türkmenistanyň gümrük edarasynyň wezipeli adamlarynyň kanunçylygy berjaý edişine

kontrollyk etmek tertibinde dolandyryş temmi bermek hakyndaky karara garanda şu aşakdaky kararlardan birini kabul edýär:

**1).** Karary üýtgetmän öňküligine galdyrýar, şikaýaty ýa-da garşylyknamany bolsa kanagatlandyrmak goýar;
**2).** Karary ýatyrýar we işi täzeden derňemek üçin iberýär;
**3).** Karary ýatyrýar we işiň ýöredilmegini besedýär;
**4).** Temmi çäresini üýtgedýär, ýagny gümrük kadalarynyň bozulmagy üçin dolandyryş jogapkärçiligi belleýän kada namalar göz öňünde tutulan çäklerde güýçlendirilmez ýaly üýtgedýär.

Dolandyryş temmi bermek hakyndaky karar baradaky şikaýaty Türkmenistanyň ýokarda durýan gümrük edarasyna gowşan gününden beýläk bir aýyň içinde garaýar, goşmaça öwrenmek ýa-da barlamak gerek bolmadyk şikaýata bolsa haýal edilmän, ýöne onuň gowşan gününden beýläk on bäş günden gaýra goýman garalmalydyr. Şikaýata garanagyň möhleti kadadan çykma hökmünde Türkmenistanyň döwlet gümrük gullygynyň başlygy ýa-da onuň orunbasary tarapyndan bir aýdan artyk bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner, bu barada bolsa şikaýat beren adama habar berilýär.

Prokuroryň garşylyknamasyna onuň Türkmenistanyň döwlet gümrük gullygyna gowşan gününden beýläk on günüň içinde garalmalydyr we onuň netijeleri barada prokurora habar berilmelidir.

Elden alnan zatlary gaýtaryp bermegiň möhleti barada aýdylanda, onda jerimäniň ýa-da zatlaryň gymmatynyň töledilip almaklygy üpjün etmek üçin adamyň elinden alnan zatlary şol adam jerimäniň tölenen gününden beýläk alty aýyň içinde Türkmenistanyň gümrük edarasyndan alyp bilner.

Jerimäniň ýa-da zatlaryň gymmatynyň töletdirilip alynmagyny üpjün etmek üçin ýa-da gümrük kadalarynyň bozulmagynyň gönüden – göni obýektleri, ýa-da kontrabanda zatlary hökmünde, ýa-da ýörite ýaşyrylyp, onda Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirmek üçin peýdalanylan ýaşyrylgy zatlar hökmünde adamyň elinden esassyz ýerden alnan zatlary şol adam özüne degişli habarnamanyň iberilen gününden beýläk alty aýyň içinde Türkmenistanyň gümrük edarasyndan alyp biler ýa-da şol adamyň ýazan arzasyna görä şol görkezilen möhletde oňa iberilip bilner. Zatlary almak we ibermek bilen bagly bolan çykdaýjylary Türkmenistanyň şol zatlary esassyz alnan gümrük edarasy töleýär.

Ýene-de bir zady bellemek zerur bolup durýar, ýagny ol hem gümrük kadalarynyň bozulmagyna

ýardam eden sebäpleri we şertleri anyklamak hakyndaky tekliplerdir. Gümrük eadasynyň işe garaýan wezipeli adamsy şol düzgün bozulmanyň edilmegine ýardam eden sebäpleri ýa-da şertleri anyklanandan soň, degişli guramalara we kärhanalara şol sebäpleri we şertleri aradan aýyrmak hakyndaky teklipleri girizýär we şol teklibiň gowşan gününden kärhanalar we guramalar bir aýyň içinde nähili çäreleri görendikleri barada teklibi iberen edaranyň wezipeli adamsyna ibermäge borçlydyrlar.

## §2 . Kazyýetiň ýa-da gümrük edaralarynyň dolandyryş temmi bermek hakyndaky kararlarynyň ýerine ýetirilişi

Türkmenistanyň gümrük kodeksiniň 104-nji maddasyna laýyklykda dolandyryş temmi bermek hakyndaky karary ýerine ýetirmäge girişýär.

- Karar barada şikaýat etmek möhleti gutarandan soň;
- Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullygynyň şikaýat boýunça çözgüt kabul edilenden soň,

karar barada kazyýete şikaýat etmek möhleti gutarandan soň;

- Türkmenistanyň gümrük edarasynyň karary barada edilen şikaýat boýunça kazyýetiň karar kabul eden gününde.

Türkmneistanyň dolandyryş temmi bermek hakynda karar çykaran gümrük edarasy karary ýerine ýetirmäge özbaşdak ýa-da kazyýetiň çözgüdini ýerine ýetirijiniň üsti bilen girişýär.

Haçanda dolandyryş temmi bermek hakyndaky karar çykarylan gününden beýläk üç aýyň içinde ýerine ýetirilmäge girişilmedik bolsa, ol karar ýerine ýetirilmäge degişli däldir.

Şikaýatyň bellenen möhletinde berilmegi ýa-da kanunda göz öňünde tutulan möhletiň içinde garşylyknama berilmegi sebäpli dolandyryş temmi bermek hakyndaky kararyň ýerine ýetirilmegi togtadylan mahalynda, kararyň ýerine ýetirilmegi şikaýata ýa-da garşylyknama garalýança togtadylýar.

Kazyýetiň ýa-da Türkmenistanyň gümrük edarasynyň jerime salmak baradaky kararyny ýerine ýetirmek barada aýdylanda onda jerimäni gümrük düzgünini bozan adam karary alan gününden beýläk

on bäş günden gijä goýman tölemelidir. Haçanda şol karar boýunça şikaýat edilen bolsa, ýa-da prokuroryň garşylyknamasy berlen bolsa – şikaýaty ýa-da garşylyknamany kanagatlandyrman galdyrmak hakyndaky kararyň çykarylan gününden beýläk on bäş günüň içinde tölenmelidir.

Jerimäni gümrük düzgünini bozan adam şol iş boýunça karar çykaran gümrük edarasyna ýa-da bank edaralaryna tölemelidir, özem Türkmenistanyň içinde dolanyşykda ýören pul birliginde, hem-de Türkmenistanyň Merkezi Bankynyň şol jerimäni tölenen gününden ýöreden pul hümmeti boýunça banklaryň hasaplap çykaran erkin çalşylan walýutada hem töläp bilýär.

Haçanda jerime bellenen möhletde tölenmedik bolsa, onda ol tölegiň tölenmegini üpjün etmek üçin gümrük kadalaryny bozan adamyň elinden alnan zatlaryň gymmatyndan töletdirilip alynýan ýa-da onuň iş hakyndan ýa-da beýleki girdejilerinden, pensiýasyndan, talyp hakyndan, ýa-da pul serişdelerinden mejbury ýagdaýda tutulyp alynýar. Haçanda düzgüni bozan adam işlemeýän bolsa, ýa-da başga sebäplere görä jerimäni tutup almak mümkinçiligi bolmadyk halatynda, onda gümrük edarasynyň, kazyýetiň, ýa-da doandyryş we ýerine ýetirijilik iş ýörediş kazyýetiniň karary esasynda

düzgüni bozanyň emläginden, şeýle hem emlägiň umumy gymmatyndan oňa düşýän paýdan töleg tutmak arkaly töletdirilip alynýar.

Kazyýetiň ýa-da dolandyryş we ýerine ýetirijilik iş ýörediş kazysynyň, gümrük edarasynyň çykaran karary boýunça jerime doly suratda töletdirilip alnan bolsa, onda şol karar ýerine ýetirlendigi hakyndaky bellik bilen, karar çykaran kazyýete ýa-da gümrük edarasyna gaýtarylyp berilýär.

Alnan jerime Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda geçirilýär we peýdalanylýar. Ýene-de bir zat, ol hem gümrük düzgünlerini bozan adam jerimäni tölänligine garamazdan kanuny esasda gümrük pajyny we beýleki gümrük töleglerini tölemäge gönüden-göni borçlydyr.

# Habar hem maslahat bermek.

## §1. Kada namalary çap etmek we ulanylyp gelinýän gümrük kadalary hakynda habar bermek

Türkmenistanyň gümrük işi hakyndaky kanunçylyk namalary, durmuşa geçirilişine kontrollyk etmek gümrük edaralarynyň üstüne ýüklenen beýleki kanunçylyk namalary hem-de halkara şertnamalary, Türkmenistanyň döwlet gümrükhanasynyň umumy häsiýetdäki normatiw namalary degişli suratda Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň metbugat neşirlerinde hem-de beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi häsiýetde çap edilmelidir.

Gümrük barasynda ulanylyp geçilýän kanunlar, şol sanda hem normatiw namanyň ady, onuň predmeti we şol namanyň çap edilen neşiri gyzyklanýan adamlaryň hemmesine mugt berilýär.

Türkmenistanyň gümrük baradaky kanunlarynyň esasy düzgünleri hakyndaky gysgaça düşündirişler Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň ýerleşýän ýerinde hemmeleriň kynçylyksyz tanşyp bilmegi üçin goýulýar.

Türkmenistanyň gümrük edaralary özleri tarapyndan kontrolsyz çap edilen normatiw namanyň tekstiniň ýoýulmagy zerarly ýetirilen zyýan üçin, şeýle hem gümrük edaralarynyň işgärleri bolmadyk, ýöne maslahat (konsultasiýa) bermäge ygtyýarly edilen adamlaryň berýän bibelet maslahatlary zerarly ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekmeýärler.

## §2. Gümrük edaralarynyň we olaryň wezipesi adamlarynyň kararlary, herekedi ýa-da hereketsizligi barada şikaýat etmek

Özüniň hukuklary we kanuny bähbitleri bozulan diýip hasap edýän her bir adamyň gümrük edaralarynyň hem-de olaryň wezipeli adamlarynyň şol kararlary, hereketi ýa-da hereketsizligi barada şikaýat etmäge haky bardyr.

Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň, şeýle hem olaryň wezipeli adamlarynyň kararlary, hereketi ýa-da hereketsizligi baradaky deslapky şikaýat degişli suratda Türkmenistanyň ýokarda durýan gümrük edarasyna ýa-da ýokarda durýan wezipeli adama berilýär.

Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasynyň we onuň wezipeli adamlarynyň kararlary, hereketi ýa-da hereketsizligi baradaky deslapky şikaýat suda berilýär.

Şikaýat adamyň kabul edilen karar hakyndaky habary alan gününden ýa-da hereketiň edilen gününden beýläk üç aýyň içinde berilýär.

Adam kabul edilen karar hakynda habarly edilmedik mahalynda, şikaýat şol kararyň kabul edilen gününden beýläk alty aýyň içinde berlip bilner.

Deslapky şikaýata bir aýyň içinde garalmalydyr. Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasy şikaýata garamagyň möhletini iki aýdan artyk bolmadyk möhlete çenli uzaldyp biler.

Şikaýat barada çykarylan karar bilen ylalaşylmadyk mahalynda, adamlar şol kabul edilen karar hakyndaky habary alan pursatyndan beýläk bir aýyň içinde suda ýüz tutup biler.

Gümrük işi hakyndaky kanunlaryň berjaý edilişine Türkmenistanyň prokuratura edaralary gözegçilik edýärler.

## EDEBIÝATLAR:


1. Saparmyrat Türkmenbaşy. Mukaddes Ruhnama, I-II kitaplary, Aşgabat, 2001, 2004.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary“, Aşgabat, 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
4. „Halkyň ynam bildireni“. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr“. Aşgabat, 2007.
6. „Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy.“ Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow, „Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy“, Aşgabat, 2007.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
10. „Parahatçylyk, döredijilik, progress syýasatynyň dabaralanmagy“. Aşgabat, 2007.

**11.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli „Galkynyş“ Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlislerinde sözlän sözi.
**12.** „Täze Galkynyş eýýamy. Wakalaryň senenamasy – 2007 ýyl“. Aşgabat, 2008.
**13.** Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
**14.** Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Aşgabat, 2008.
**15.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň içeri we daşary syýasaty hakyndaky çykyşlary.
**16.** Tamožennoe prawo, Irkutsk, 1973 g.
**17.** Hrabskow W.G. Tamožnýa i zakon, “Ýuridiçeskaýa literatura” 1989 g.
**18.** Sandrowskiý K.K. Tamožennoe prawo, Kiew 1981 g.
**19.** Markow L.N. Oçerki po istorii tamožennoý služby, Irkutsk 1987 g.
**20.** Tamožennoe prawo Rossiýskoý Federasii, Moskwa 1998 g.
**21.** Administratiwnoe prawo Rossiýskoý Federasii, Moskwa 1998 g.

**22.** Tamožennyý westnik Rossiýskoý Federasii, ežemesýaçnoe izdanie gazety “Ekomomiçeskie nowozti”.
**23.** Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Aşgabat 1992 ý.
**24.** Türkmenistanyň Gümrük Kodeksi, “Ruh”, Aşgabat 1994 ý.
**25.** Türkmenistanyň Döwlet gümrügi hakyndaky kanuny Aşgabat 2010ý.
**26.** Türkmenistanyň dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksi,Aşgabat,1985ý.
**27.** Türkmenistanyň dolandyryş hukuk tertibiniň bozulmalary hakyndaky kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky Türkmenistanyň kanuny, 1993-nji ýylyň dekabr aýynyň 28-i.
**28.** Türkmenistanyň jenaýat kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakyndaky kanuny, 1993-nji ýylyň dekabr aýynyň 28-i.
**29.** Türkmenistanyň döwlet gümrükhanasy hakyndaky düzgünnama, 1992-nji ýylyň iýul aýynyň 31-i.
**30.** Gümrükhanalar we gümrük postlary we punktlary hakyndaky düzgünnamalar.
**31.** Türkmenistanyň Prezidentiniň gümrük barlagyny kämilleşdirmek çäreleri hakyndaky karary, 1994-nji ýylyň iýul aýynyň 5-i.

**32.** Türkmenistanyň döwlet edaralarynyň wezipeli adamlarynyň gümrük barlagyndan boşadylmagy baradaky sanawy, 1994-nji ýylyň iýul aýynyň 4-i.

**33.** Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işgärleriniň hökmany şahsy strahowaniýe etmegi hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň karary, 1994-nji ýylyň noýabr aýynyň 22-i.

**34.** Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň milli howpsyzlyk edaralarynyň, içeri işler edaralarynyň, serhet goşunlary edaralarynyň we goranmak ministrliginiň goşunlarynyň Türkmenistanda gümrük kontrollygyny bilelikde alyp barmak hakynda wagtlaýyn düzgünnamasyny tassyklamak hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň karary, 1993-nji ýylyň sentýabr aýynyň 2-i.

**35.** Türkmenistanyň gümrükhanasynyň düzümi hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň karary, 1992-nji ýylyň iyun aýynyň 31-i.

**36.** Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işgärleriniň kasamynyň tekstini tassyklamak hakyndaky Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany, 1994-nji ýylyň mart aýynyň 11-i.

**37.** Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň işgärlerine ýörite atlaryň dakylmagy baradaky düzgünnama Türkmenistanyň Prezidentiniň karary, 1992-nji ýylyň iýul aýynyň 31-i tassyklandy.

**38.** Türkmenistanyň Döwlet Gümrükhanasynyň 1994-nji ýylyň maý aýynyň 17-e gümrük kadalarynyň bozulmalary hakyndaky işlere garamak baradaky düzgünnamasyny tassyklamak hakyndaky buýrugy № 59.

**39.** 2000-nji ýylyň awgust aýynyň 23 Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasynyň buýrugyna goşulma № 1.

**40.** 2000-nji ýylyň awgust aýynyň 25 Türkmenistanyň Döwlet gümrükhanasynyň buýrugyna goşulma № 1.

# MAZMUNY

**Giriş ...............................................................9**

**Türkmenistanyň gümrük hukugynyň umumy düşünjesi...........................................................12**

*§ 1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurnabguly Berdimuhamedowyň daşary syýasat taglymaty.......................................................12*

*§ 2 . Gümrük hukugynyň düşünjesi, gümrük hukugynyň we gatnaşyklarynyň subýektleri..................................................16*

*§ 3 . Milli hukuk pudaklarynyň ulgamynyň arasynda gümrük hukugynyň tutýan orny*……….................................................23

*§ 4 . Gümrük gatnaşyklarynyň halkara hukugynda kadalaşdyrylyşy*……………………………..............................26

**Gümrük hukugynyň esasy ýörelgeleri we çeşmeleri..........................................................30**

*§ 1 . Gümrük hukugynyň esasy ýörelgeleri.......................................................................30*

*§ 2. Gümrük hukugynyň çeşmeleri.........................................33*

**Türkmenistanda gümrük işleriniň dolandyrylyşyny gurnamak.......................................................... .39**

*§ 1 . Gümrük edaralarynyň işleri barada düşünje.......................................................................39*

§ 2 . Türkmenistanda gümrük işleriniň dolandyrylyşy........................................................................44

*§ 3 . Gümrük edaralarynyň wezipeli adamlary we olaryň hukuk taýdan goralyşy*………..............................................................52

*§ 4 . Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň we olaryň wezipeli adamlarynyň jogapkärçiligi*...................................................56

**Gümrük edaralarynyň işleriniň hukuk görnüşleri..........................................................57**

*§ 1. Türkmenistanyń gümrük serhediniń üstünden harytlary we beýleki zatlary geçirmekligiń tertibi* ……………………………57

*§ 2 . Gümrük pajy we gümrük ýygymlary* ……………………61

*§ 3. Türkmenistanyń gümrük serhedinden göýbermegiń tertibi* ……………………………………..………………65

*§ 4 . Gümrük kontrollygy we gümrük barlagy* ………………69

**Gümrük kontrollygyny resmilleşdirmek.....................................................78**

*§ 1 . Harytlary we beýleki zatlary resmileşdirmek we deklarirlemek* .......................................................................................78

*§ 2 . Gümrük edaralarynyň arasynda harytlary we beýleki zatlary daşamaklygyň düzgünleri* ……………………………84

*§ 3 . Gümrük kontrollygynyň astynda harytlary we başga zatlary saklamaklygyň düzgünleri...........................................................87.*

**Gümrük kadalarynyň bozulmagy we olar üçin bellenen jogapkärçilik...............................................90**

*§ 1. Gümrük kadalarynyň bozulmagynyň görnüşleri we olar üçin bellenýän jogapkärçilik ..............................................................90*

*§ 2 . Gümrük çygryndaky jenaýatlar üçin jogapkärçilik...........................................................................93*

**Gümrük düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işlere garamaga taýýarlyk...........................................98**

*§ 1 . Gümrük düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işlere garamaga taýýarlyk......................................................................98*

*§2. Gümrük düzgünleriniň bozulmalary hakyndaky işi ýöretmäge gatnaşýan adamlar* ..................................................101

**Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işleri ýöretmek.............................................................105**

*§1. Esasy düzgünler. Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakynda teswirnama. Gümrük düzgünini bozmagyň obýekti bolan zatlary we resminamalaryny almak...........................................105*

*§2. Gümrük kadalarynyň bozulmagy hakyndaky işlere garamak.........................................................................109*

**Gümrük edarasynyň kararlary barada şikaýat etmek we temmi bermek hakyndaky karary ýerine ýetirmek…......................…………………….................113**

*§1 . Gümrük edarasynyň kararlary barada şikaýat etmek .......113*

*§2 . Kazyýetiň ýa-da gümrük edaralarynyň dolandyryş temmi bermek hakyndaky kararlarynyň ýerine ýetirilişi.....................116*

**Habar hem maslahat bermek….....…………………120**

*§1. Kada namalary çap etmek we ulanylyp gelinýän gümrük kadalary hakynda habar bermek.............................................120*

*§2. Gümrük edaralarynyň we olaryň wezipesi adamlarynyň kararlary, herekedi ýa-da hereketsizligi barada şikaýat etmek.................................................................................121*

**Edebiýatlar……………………..……...................123**